**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**

# Biznes reklama

27.01.2025 | Duşenbe. | №04 (1363). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi. | Web: br.com.tm



## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

24-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyndan», 2025-nji ýylyň Döwlet býujetinden ugur alnyp taýýarlanylan «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmennebit» döwlet konserniniň garamagyndaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlary döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew dokma senagaty kärhanalarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Dokma senagaty ministrliginiň garamagynda edara-kärhanalaryň onlarçasy hereket edip, olaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmak babatda zerur işler geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, dokma senagatynyň hem milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz pudagyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, önümçilik kuwwatyny artdyrmak maksady bilen taýýarlanylýan teklibi makullady we wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa «Medeniýet hakynda», «Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda taýýarlanan «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 19-20-nji ýanwarda Monako Knýazlygyna amala aşyran saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 10 ýyl dolýar. Munuň özi saparyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, Monakonyň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynda ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine öňe sürýän başlangyçlaryny yzygiderli goldap gelýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 20-nji ýanwarda Monakonyň Şazadasy Alber II bilen geçiren duşuşygynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary, ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda taraplaryň özara hyzmatdaşlygy, şol sanda abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki gatnaşyklary giňeltmäge ygrarlydygy tassyklanyldy. Şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda kabul eden Kararnamasyna üns çekildi. Onuň çäklerinde birnäçe iri çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek halkara foruma gatnaşmak üçin Şazada Alber II-ni Aşgabada çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dünýä döwletleri, şol sanda Monako Knýazlygy bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini, ony has-da giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu döwlet bilen özara bähbitli gatnaşyklary ilerletmek boýunça degişli işleri alyp barmagyň zerurdygy nygtady.

Wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow hasabatyny dowam edip, diplomatik gullugyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek we Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada aýtdy. Bu ugurda kanunçylygy kämilleşdirmek üçin yzygiderli çäreler görülýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Türkmenistanyň halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary hakynda we Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanasynyň ýanyndaky metbugat attaşesi hakynda Düzgünnamalary, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet protokolynyň tejribesiniň Dessuryny işläp taýýarlamak baradaky teklipler hödürlenildi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## Türkmenistanyň Prezidenti Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktoryny kabul etdi

23-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktory, Sportuň suwdaky görnüşleri boýunça bütindünýä guramasynyň prezidenti Huseýn Al-Musallamy kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Türkmenistanyň sporty ösdürmek boýunça tagallalaryna ýokary baha berýändigini belledi. Şeýle hem ol Olimpiýa hereketini ösdürmäge, halkara derejeli türgenleri ýetişdirmäge berýän goldawlary üçin hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktoryny mähirli mübärekläp, onuň saparynyň Türkmenistan bilen bu düzümiň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigini belledi. Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, bu ugurda giň halkara hyzmatdaşlygy alyp barmak ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan Olimpiýa hereketiniň belent ynsanperwer ýörelgelerine ygrarly bolmak bilen, sport ulgamynda sebit we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda çykyş edip, bu babatda anyk çäreleri durmuşa geçirýär. Ýurdumyz Halkara Olimpiýa Komiteti, Aziýanyň Olimpiýa Geňeşi, ýöriteleşdirilen federasiýalar we beýleki abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk edýär. Bu bolsa Türkmenistanda sport diplomatiýasynyň giňden goldanylýandygynyň aýdyň güwäsidir. Ýurdumyzda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň, Beýik Ýüpek ýolunyň ugry boýunça «Amul — Hazar 2018» halkara awtorallisiniň, Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň üstünlikli geçirilendigi muňa mysal hökmünde görkezildi.

Şeýle hem 2018-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen her ýylyň 3-nji iýunyny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek barada kabul eden Kararnamasynyň ähmiýeti nygtaldy.

Söhbetdeşler Türkmenistanda sportuň suwdaky görnüşlerini ösdürmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistan bilen Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge goşýan uly şahsy goşandy hem-de bu ugurda ýurdumyzyň başlangyçlaryna hemişe goldaw berýändigi üçin Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktory, Sportuň suwdaky görnüşleri boýunça bütindünýä guramasynyň prezidenti Huseýn Al-Musallama minnetdarlyk bildirip, oňa berk jan saglyk, alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

*(TDH).*

# Syýasat



RESMI

### TÜRKMENISTANYŇ KITAPHANA ULGAMYNY ÖSDÜRMEGIŇ 2025 — 2029-NJY ÝYLLAR ÜÇIN DÖWLET MAKSATNAMASY TASSYKLANYLDY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň ruhy baýlygy bolan milli neşir önümleriniň, kitaplaryň häzirki zaman şertlerinde goralyp saklanmagyny üpjün etmek, halkymyzyň kitaba, okamaga höwesini artdyrmak we ýurdumyzda kitaphana işini has-da kämilleşdirmek maksady bilen, şeýle hem «Medeniýet hakynda», «Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama bilen, Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy hem-de şu Maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklanyldy.

Degişli ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, welaýatlaryň hem-de Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimliklerine Maksatnamanyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek tabşyryldy.

(TDH).

BIRŽA SÖWDALARY

### TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HARYT-ÇIG MAL BIRŽASYNYŇ GEÇEN HEPDEDÄKI SÖWDALARY

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalarynda geleşikleriň 17-si hasaba alyndy.

Daşary ýurt walýutasyna Birleşen Arap Emirliklerinden, Gyrgyz Respublikasyndan we Türkiýeden gelen telekeçiler «Türkmenhimiýa» döwlet konserninde öndürilen «B» markaly karbamidi satyn aldylar. Şeýle-de Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynda öndürilen dürli görnüşli dokma önümleri satyldy. Geleşikleriň jemi bahasy 18 million 21 müň 200 amerikan dollaryndan gowrak boldy.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazar üçin jemi bahasy 38 million 303 müň 900 manatlyk bolan «Türkmennebit» döwlet konserninde öndürilen nebit bitumyny, polipropileni we dürli görnüşli dokma önümlerini satyn aldylar.

TDHÇMB

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan bilen dünýä ýurtlarynyň arasynda dürli ugurlarda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn şertnamalaryň müňlerçesine gol çekildi. Häzirki wagtda ýurdumyz dünýäniň 156 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ýurt döwletlerine we daşary ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýurdumyza ýokary derejedäki saparlarynyň çäklerinde gol çekiljek resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleri alyp barmak teklip edilýär. Şeýle-de dürli ugurlarda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn döwletara, hökümetara, pudagara resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamagy işjeňleşdirmek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, parlamentara gatnaşyklaryň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek baradaky teklip beýan edildi. Şundan ugur alyp, şu ýylyň fewralynda degişli meseleler boýunça pudagara iş duşuşygyny geçirmek teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň esasy wezipesiniň dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan ybaratdygyny, şoňa görä, onuň hukuk esaslaryny kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynyň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça degişli işleri geçirmegiň wajypdygyny nygtap, bu ugurda taýýarlanylan teklipleri makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew aragatnaşyk pudagyna ýöriteleşen halkara guramalar bilen sanly ulgamlary ösdürmek boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri, Bütindünýä poçta birleşiginiň agzasy bolup durýar. Bu gurama tarapyndan halkara poçta alyş-çalyş amallaryny ýeňilleşdirmek üçin ähli poçta operatorlary tarapyndan «International Postal System» (IPS) atly sanly ulgamyň ulanylmagy göz öňünde tutulan. Ulgam poçtany dessin dolandyrmaga we elektron maglumatlary alyşmaga mümkinçilik berýän programma üpjünçiliklerini özünde jemleýär. Ýurdumyzyň bellenen poçta operatorlarynyň ulgama birikdirilmegi onuň halkara derejede bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we elektron söwdany ösdürmäge ýardam eder. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň aragatnaşyk pudagynda sanly ulgamy ösdürmäge uly üns berilýändigini, bu ugurda halkara guramalar, şol sanda Bütindünýä poçta birleşigi bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň alnyp barylýandygyny belledi. Poçta hyzmatlaryny halkara talaplara laýyk getirmek, hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak möhüm bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasyny Bütindünýä poçta birleşiginiň halkara sanly ulgamyna birikdirmek baradaky teklibi makullady hem-de agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

*(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlandy).*

# Türkmen halkynyň Milli Lideri Monako Knýazlygyna saparyny amala aşyrdy

19 — 21-nji ýanwar aralygynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Monako Knýazlygyna saparyny amala aşyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Monako saparynyň dowamynda 20-nji ýanwarda Monako Knýazlygynyň Şazadasy Alber II bilen duşuşyk geçirildi.

Mälim bolşy, Türkmenistan bilen Monakonyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 2015-nji ýylda ýola goýuldy. Döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bellenilýän şu ýylda ýurtlarymyzyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklara 10 ýyl dolýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynda ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine öňe sürýän başlangyçlaryny Monakonyň yzygiderli goldap gelýändigini bellemek gerek.

Alber II türkmen halkynyň Milli Liderini mübärekläp, Monako gelmäge çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi hem-de Türkmenistanyň ählumumy gün tertibiniň meselelerini çözmekde başlangyçly orny eýeleýändigini, munuň bolsa iki ýurduň arasyndaky dialogy özara bähbitlilik we uzak möhletleýinlik esasynda işjeňleşdirmek üçin möhüm şert bolup durýandygyny belledi.

Soňra duşuşyk iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Monako Knýazlygynyň Şazadasy Alber II belent mertebeli myhmany hem-de ýurdumyzyň wekiliýetini mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip, sapar bilen gelendigi üçin Gahryman Arkadagymyza ýene-de bir gezek hoşallyk bildirdi hem-de Monakonyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belledi.

Milli Liderimiz Şazada Alber II-ä Monako Knýazlygyna gelmäge çakylygy hem-de türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik we hormat üçin minnetdarlygyny beýan edip, hormatly Prezidentimiziň salamyny, hormat goýýandygy baradaky sözlerini ýetirdi. Gahryman Arkadagymyz 2015-nji ýylyň aprelinde Koreýa Respublikasynda Bütindünýä suw forumynyň çäklerinde Şazada Alber II bilen geçiren duşuşygyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny, onuň örän peýdaly bolup, netijeli pikir alyşmaga mümkinçilik berendigini belledi.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň dürli ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň öňe süren halkara başlangyçlaryny goldaýandygy üçin Monako Knýazlygyna minnetdarlyk bildirip, munuň ählumumy ösüşiň möhüm meselelerine iki ýurduň garaýyşlarynyň meňzeşdigini görkezýändigini, özara düşünişmäge, hyzmatdaşlygy ilerletmäge ýardam edýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamasyna ünsi çekip, ýurdumyz tarapyndan bu döwürde dünýä syýasatynda parahatçylyk ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagyna, dartgynlylygy peseltmek üçin şertleri döretmäge, möhüm meseleleri çözmekde jogapkärli hem-de netijeli çemeleşmelere geçmäge gönükdirilen birnäçe wekilçilikli halkara forumlaryň geçiriljekdigini aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, Şazada Alber II-ni Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanan foruma gatnaşmak üçin Aşgabada çagyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu forumyň Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljekdigine ünsi çekip, türkmen halkynyň gadyrly we hormatly myhmanlarynyň hatarynda Şazada Alber II-ni görmäge şat boljakdygyny aýtdy.

Şazada Alber II çuň manyly çykyşy hem-de öňe süren teklipleri üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallygyny beýan edip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz we Şazada Alber II resmi wekiliýetleriň agzalary bilen tanyşdylar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Monakonyň Şazadasynyň köşgüniň Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Günüň ikinji ýarymynda Milli Liderimiz Monakonyň Okeanografiýa muzeýine baryp gördi. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli garşylanyldy.

...Gahryman Arkadagymyz muzeýiň ýolbaşçylaryna işlerinde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden Nissa şäheriniň Halkara howa menziline ugrady. Bu ýerde Milli Liderimiz Monte-Karlodaky halkara sirk sungaty festiwalynda çykyş eden «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy.

Hormatly Arkadagymyzyň Monakoda saparda bolýan günlerinde at üstündäki oýunlar topary halkara sirk festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy.

Nygtalyşy ýaly, «Galkynyş» topary birnäçe ýyllap Monte-Karloda geçirilýän halkara sirk sungaty festiwalyna gatnaşyp, onda ýeňiş gazanmagyň arzuwynda bolupdy. Bu gün bolsa yzygiderli ýhlasyň, irginsiz türgenleşigiň netijesinde şol arzuw hasyl boldy hem-de Türkmenistanyň ýaşyl tugy belentde parladyldy.

P.Baýramdurdyýew pursatdan peýdalanyp, toparyň ähli agzalarynyň adyndan Milli Liderimizi hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzy gazanylan ýeňiş bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de hoşallyklaryny beýan etdi.

Gahryman Arkadagymyz «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalaryny gazanan ajaýyp ýeňşi bilen ýene-de bir gezek gutlady hem-de olara üstünlikleri arzuw etdi.

Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Monako Knýazlygyna saparynyň çäklerinde 21-nji ýanwarda «Buig» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Marten Buig bilen duşuşdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Nissa şäheriniň Halkara howa menzilinden Watanymyza ugrady.

*(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlandy).*

«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasyny Bütindünýä poçta birleşiginiň halkara sanly ulgamyna birikdirmek meýilleşdirilýär. Bu poçta alyş-çalyş amallarynyň halkara derejede bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we elektron söwdany ösdürmäge ýardam eder.

# Şu günleriň gürrüňi



HALKARA HYZMATDAŞLYK

## 2024-nji ýylda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijelerine we 2025-nji ýylda bilelikdäki işleriň geljegine bagyşlanan metbugat maslahaty

24-nji ýanwarda Türkmenistanyň DIM-inde 2024-nji ýylda Ýewropa Bileleşigi bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijelerine we 2025-nji ýylda bilelikdäki işleriň geljegine bagyşlanan metbugat maslahaty geçirildi.

Duşuşyga Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, ÝB-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň hem-de ÝB-niň taslamalarynyň, daşary ýurt we ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa öz çykyşynda Türkmenistan ÝB bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlardaky hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berilýändigini nygtady.

Ýokary derejede geçirilýän yzygiderli duşuşyklaryň we gepleşikleriň ugurlaryň giň toplumy boýunça hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine hem-de pugtalandyrylmagyna goşant goşýandygy bellenildi.

Çäräniň dowamynda Türkmenistan bilen ÝB-niň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlykda ýetilen sepgitlere üns çekildi. Ol geçen 30 ýylyň içinde yzygiderli we netijeli ösdürildi.



ÝB bilen köp ýyllaryň dowamyndaky hyzmatdaşlygyň hereket edýän taslamalaryň, maksatnamalaryň, hususan-da, «Ýewropa Bileleşigi — Türkmenistan» bilelikdäki komitetiniň, parlamentara dialogynyň, adam hukuklary boýunça dialogynyň, daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky geňeşmeleriň çäklerinde yzygiderli ilerledilýändigi nygtaldy.

Duşuşygyň barşynda «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» hyzmatdaşlyk formaty gatnaşyklary giňeltmekde möhüm gurallaryň biri hökmünde bellenildi. Onuň çäklerinde söwda-ykdysady gatnaşyklary, ulag, sanlylaşdyrma, ekologiýa we energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy, şeýle hem medeni-ynsanperwer ulgamynda, şol sanda bilim we saglygy goraýyş pudaklaryndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen maksatnamalar we taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şeýle hem sebitara syýasy dialog we hyzmatdaşlyk, söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, energetika, howanyň üýtgemegine garşy bitarap ykdysadyýeti we umumy howpsuzlyk meselelerini çözmek ýaly möhüm ugurlary öz içine alýan Merkezi Aziýa bilen ÝB-niň arasyndaky gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin Bilelikdäki ýol kartasynyň ähmiýeti beýan edildi.

Metbugat maslahatyna gatnaşyjylar gazanylan üstünlikler we geljekki hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar.

Aýna SÄTGELDIÝEWA,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.

GÜMRÜK GULLUGY

## Döwlet gümrük gullugynda täze Gözegçilik-seljeriş merkezi açyldy



Watan goragçylarynyň güni mynasybetli ýurdumyzyň toý-baýramlara eýe bolýan ajaýyp pursatlarynda açylyş dabaralary, baýramçylyk çäreleri ýurdumyzyň ähli ýerlerini gurşap alýar. Şeýle ajaýyp günlerde Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda täze döredilen Gözegçilik-seljeriş merkeziniň açylyp ulanylmaga berilmegi hem-de Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň adyndan Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat we Arkadag şäheriniň hem-de welaýatlaryň gümrükhanalaryna gulluk awtoulaglarynyň açarlarynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy gümrükçi harby gullukçylaryň buýsançly başlaryny göge ýetirdi.

Bu görnüşler bolsa, Türkmenistanyň gümrük edaralaryny ösdürmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň çäklerinde Döwlet gümrük gullugynyň düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň has-da pugtalandyrylyp, harby gullukçylaryň iş we ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli ýokarlandyrylýandygy, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýandygy, ýurdumyzda gümrük işiniň döwrüň ösýän talaplaryna laýyk getirilip, yzygiderli kämilleşdirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda täze döredilen Gözegçilik-seljeriş merkezi ýurdumyzyň gümrük edaralarynda alnyp barylýan işlere gözegçilik etmäge, gümrük serhedinden geçirilýän harytlara we olar babatdaky maglumatlary toplamaga, seljermäge, rentgen-gözegçilik enjamlaryny ulanmak arkaly dogry çözgütleriň dessine kabul edilmegini guramaga, serhetýaka gümrük nokatlarynyň, şol sanda Türkmenbaşy halkara deňiz portunyň hem-de ýurdumyzyň howa menzilleriniň işine hakyky wagt tertibinde gözegçilik etmäge we utgaşdyrmaga, gümrük kanunçylygynyň bozulmagynyň töwekgelçiliklerini seljermäge, dolandyrmaga, geoýerleşişini anyklaýan ulgamyň ulanylmagy bilen, halkara ýük daşamalaryny amala aşyrýan awtoulag serişdeleriniň ýurdumyzyň çägi boýunça hereketine gözegçilik etmäge, harytlar we ulag serişdeleri gümrük serhedinden geçirilende, ygtyýarlandyryş we rugsat beriş düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçiligi ygtybarly guramaga doly mümkinçilikler döredilen. Munuň özi ýurdumyzyň gümrük nokatlaryndaky işlere merkezleşdirilen tertipde doly gözegçilik etmäge mümkinçilik döredýär. Iş tertibi gije-gündizleýin alnyp baryljak bu Gözegçilik-seljeriş merkezi ýurdumyzda gümrük işini milli kanunçylygymyza we dünýä ülňülerine laýyklykda guramaga uly şert berer.

Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda täze döredilen Gözegçilik-seljeriş merkeziniň ýörite sanly ulgam arkaly duşuşyklaryň geçirilýän otagynyň hem barlygy bellärliklidir. Bu ýerde göni wideo aragatnaşyk ulgamy arkaly uzak aralykdan okuw çärelerini, duşuşyklary, ýygnaklary geçirmäge doly şertler göz öňüne tutulan. Bu bolsa wagty tygşytlamaga, degişli çözgütleri gysga wagtda çykarmaga hem-de halypa gümrük işgärleri bilen göni aragatnaşykda tejribe alyşmaga hem oňaýly täsir eder.

**Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda täze döredilen Gözegçilik-seljeriş merkeziniň ýörite sanly ulgam arkaly duşuşyklaryň geçirilýän otagynyň hem barlygy bellärliklidir. Bu ýerde göni wideo aragatnaşyk ulgamy arkaly uzak aralykdan okuw çärelerini, duşuşyklary, ýygnaklary geçirmäge doly şertler göz öňüne tutulan.**

Döwlet gümrük gullugynyň Gözegçilik-seljeriş merkeziniň açylmagy bilen birlikde, Gullugyň düzümlerine Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň adyndan täze döwrebap gulluk awtoulaglary hem dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Bu pursatlar merdana gümrükçileriň buýsançly başlaryny göge ýetirdi. Bu gulluk awtoulaglarynda ähli mümkinçilikler, şertler dolulygyna göz öňüne tutulan. Täze gulluk awtoulaglarynyň sowgat berilmegi, Döwlet gümrük gullugynyň garamagyndaky gümrükhanalarynda hereket edýän Mobil toparlarynyň işini has-da ýokarlandyrmaga, sazlaşykly işleri alyp barmaga uly itergi berer.

Ýurdumyzyň gümrük edaralaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek babatda amala aşyrýan beýik işleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Hormatly Belent Serkerdebaşymyza alkyşlar aýdýarys!

Toýmyrat AMATDYÝEW,
Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.

## Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň wekilleri Aşgabatda saparda boldular

Ýakynda Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň wekilýeti iş sapary bilen Aşgabat şäherine geldi. Saparyň maksady ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek we kabul edilen meýilnamany ýerine ýetirmekden ybarat boldy.



Goňşy döwletiň gümrük edarasynyň wekilleriniň iş saparynyň dowamynda Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda ikitaraplaýyn iş duşuşyklar we döredilen mümkinçilikler boýunça tanyşlyklar boldy. Duşuşykda iki ýurduň Gümrük gulluklarynyň 2024-nji ýyldaky hyzmatdaşlygynyň netijeleri, Howdan-Bajgyran, Artyk-Lotfabad we Sarahs-Sarahs gümrük nokatlarynda özara hereketleriň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de iki ýurduň arasyndaky ýük dolanyşygynyň möçberini artdyrmagyň mümkinçilikleri, gümrük gözegçiliginiň netijeliligi hem-de harytlar babatynda gümrük kadalarynyň bozulmalaryna garşy göreşiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşykda taraplar Ygtyýarly ykdysady operatorlar babatynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, iki tarapdaky daşary ykdysady işine gatnaşyjylar üçin gümrük kadalary barada okuw çärelerini geçirmek barada pikir alyşdylar.

Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň wekilýeti Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň merkezi edarasynda täze döredilen Gözegçilik-seljeriş merkezi bilen hem ýakyndan tanyşdylar. Bu ýerdäki döredilen amatlyklar we sanly serişdeler myhmanlarda ýokary gyzyklanma döretdi. Myhmanlara Aşgabada amala aşyran saparynyň çäklerinde Döwlet gümrük gullugynyň ýanyndaky Okuw merkeziniň we Halkara gümrük terminalynyň mümkinçilikleri bilen hem ýakyndan tanyşmaga şert döredildi.

Myhmanlaryň bu sapary iki ýurduň gümrük edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmaga uly itergi berer.

Ýazly EKÄÝEW,
Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, uly leýtenant.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň wekilýeti 18 — 24-nji ýanwarda Eýranyň Kiş adasynda geçirilen «Kish Expo 2025» atly halkara sergä gatnaşdy. Işewürlik we senagat ulgamynda bu iri waka dünýäniň 40 ýurdundan 250-den gowrak kompaniýany bir ýere jemledi.

# Milli mertebe



HALKARA GATNAŞYKLAR

## Monako — 2025-nji ýylda dünýäniň sport paýtagty




Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Monako Knýazlygyna saparynyň dowamynda 20-nji ýanwarda Şazada Alber II bilen duşuşyk geçirdi. Duşuşygyň barşynda türkmen halkynyň Milli Lideri sporty geljegi uly ugurlaryň hatarynda kesgitledi. Gahryman Arkadagymyz Şazada Alber II-niň sport hereketiniň we giň halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň tarapdarydygyny, onuň tagallalary bilen Monako Knýazlygynyň 2025-nji ýylda «Dünýäniň sport paýtagty» diýen hormatly ada eýe bolandygyny nygtady hem-de bu möhüm ugurdaky tagallalary birleşdirmek üçin ýurtlarymyzda bar bolan mümkinçilikleri we tejribäni sporty ösdürmek babatda ulanmagy teklip etdi.

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň 17 — 26-njy ýanwar aralygynda Monako Knýazlygynyň paýtagty Monte-Karloda geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolandygy baradaky hoş habar şanly ýylda buýsanjymyzy has-da artdyrdy.

**2025-nji ýylda Monako «Dünýäniň sport paýtagty» diýlip yglan edildi. Dünýäniň sport paýtagtynda ýurdumyzyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanan üstünligi has-da buýsandyryjydyr.**






Gahryman Arkadagymyz sportuň Ýer ýüzünde parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmakdaky möhüm ornuna ünsi çekdi. 1894-nji ýylda häzirki zaman Olimpiýa oýunlaryny esaslandyran Pýer de Kuberteniň parahatçylygyň, döredijiligiň, ösüşiň, şatlygyň we sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, ýeňşe bolan ymtylmanyň nyşany hökmünde «Sport — dünýäniň parahatçylygy!» diýen jümlesiniň hemmeleri ruhubelentlige çagyrýandygyny nygtady.

Türkmenistan bilen Monakonyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 10 ýyl dolýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu ýurda sapary iki ýurduň arasynda dürli ugurlar bilen birlikde, sport hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm tapgyr boldy.

Monako Knýazlygynyň 2025-nji ýylda «Dünýäniň sport paýtagty» diýlip yglan edilmegi bu ýurduň sportda we ony ähli derejelerde ösdürmäge goşan goşandynyň halkara derejede ykrar edilmesidir. Geçen ýyl Ýewropa parlamentiniň Brýusseldäki dabarasynda Ýewropanyň sport paýtagtlarynyň we şäherleriniň birleşiginiň (ACES) baýdagy Monako Knýazlygynyň wekiline gowşuryldy. Knýazlyk bu derejäni Bolgariýanyň 2024-nji ýylda dünýäniň sport paýtagty bolan Sofiýa şäherinden kabul etdi.

Türkmenistanda bolşy ýaly, dostlukly ýurtda hem sporta diňe bir ýokary netijeleri, üstünlikleri gazanmagyň guraly hökmünde däl-de, eýsem, parahatçylygy, durnukly ösüşi we durmuş sazlaşyklylygyny gazanmagyň kuwwaty hökmünde baha berilýär.

Ýurtda sportda inklýuziwlige aýratyn üns berilýändigi üçin, ol hemmelere elýeterlidir. Ussat türgenler bilen birlikde, ýaşlar, ýaşulular, mümkinçiligi çäkli adamlar üçin sport bilen meşgullanmaga ähli şertler döredilýär.

Ýurduň çar künjeginde sport meýdançalarynyň we türgenleşik zallarynyň döwrebap enjamlar bilen üpjün edilmegine, mekdeplerde okuw meýilnamalarynda bedenterbiýäniň ileri tutulmagyna, netijede, ýaşlykdan sporta söýgini terbiýelemäge aýratyn üns berilýär.

Sport Monakoda ýaşaýyş-durmuş medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Meşhur Formula-1 Gran-pri ýaryşlarynyň mysalyndan hem görnüşi ýaly, Monako iri sport ýaryşlarynyň geçirilýän merkezleriniň biridir.

Knýazlar maşgalasynyň, şol sanda Knýaz Alber II-niň sporta söýgüsi köpleri bu ugra höweslendirýär. Ol sportuň ýeňil atletika, futbol, tennis, dzýudo, küreklemek, ýelkenli sport, typmak, ýüzmek, pentatlon, bobsleý ýaly görnüşleri bilen meşgullanýar.

Ajaýyp sport desgalary Monakonyň binagärlik gözelliginiň üstüni ýetirýär. Olaryň hatarynda «Monako» futbol toparynyň «Lui II» («Louis-II») stadiony hem bar. Knýazlygyň ýüreginde täzeden bina edilip, 1985-nji ýylda açylan stadion Ýewropanyň we dünýäniň özboluşly sport desgalarynyň biridir. «Monako» futbol toparynyň şöhratly sahypalary bu stadionyň taryhy bilen baglanyşyklydyr.

Monte-Karlo rallisi, «Formula-E», Gran-pri ýaryşlary awtosport söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem Monakoda iri dünýä çempionatlarynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Geçen ýylyň ahyrynda Monakoda geçirilen «Parahatçylyk we sport» («Peace and Sport») atly halkara forum, Parahatçylyk ýörişi, «Parahatçylyk we sport baýraklarynyň» («Peace and Sport Awards») gowşurylyş dabarasy taryhy wakalara öwrüldi. Umuman, dostlukly ýurduň syýasatynda sporta ýaş nesillere asylly gymmatlyklary geçirmegiň, dünýäniň ösüşiniň guraly hökmünde baha berilýär.

Ajapsoltan MISEKOWA,
Aşgabat şäherindäki 96-njy orta mekdebiň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary.

## Dana hakda dürdäne

Sözüň gudratyndan bina bolan edebi mirasy bilen dünýäniň akyldary derejesine mynasyp bolan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýy mynasybetli «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy ýylynda» Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda dünýä nusgalyk işler amala aşyryldy. Şahyryň ölmez-ýitmez döredijiligini içgin öwrenmäge bagyşlanan çäreleriň ýurdumyz bilen bir hatarda dünýä ýüzünde dabaralanmagy türkmen halky üçin has-da buýsandyryjy waka boldy. Beýik akyldaryň ömrüne, döredijiligine bagyşlanyp, many-mazmuna örän baý bolan birnäçe çeper hem ylmy kitaplar, gollanmalardyr makalalar ýazyldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň öňüsyrasynda bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher paýhasynyň miwesi bolan «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly täze kitabynyň çapdan çykmagy halkymyzdyr giň okyjylar köpçüligi üçin bahasyna ýetip bolmajak sowgat boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň bu gymmatly eserinde beýik söz ussadynyň edebi mirasy, onuň dünýä edebiýatyna goşan ägirt uly goşandy, şahyryň ýubileý toýy bilen bagly geçirilen çäreleriň beýany, şeýle hem ýurdumyzda ýetilen sepgitler, gazanan üstünliklerimiz hakynda çuň many-mazmunly söhbet edilýär. Kitap «Magtymgula düşünmegiň açary», «Magtymguly Pyragy mekdebi we türkmen magtymgulyşynaslary», «Pähim-paýhas ummany», «Parahatçylygyň şahyry», «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň şahyry», «Halk ýadyndan aýrylma», «Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen bagly kabul edilen resminamalar, gutlaglar we çykyşlar», şeýle-de «Hakyň hem hakykatyň ýolunda» atly bölümlerden ybarat bolup, ol magtymgulyşynaslardyr akyldar şahyryň şygyrlarynyň her bir muşdagy üçin gymmatly gollanmadyr. Eseriň ýokary çaphana usulynda neşir edilip, üç dilde: türkmen, rus we iňlis dillerinde aýratyn kitap görnüşinde giň halk köpçüligine ýetirilmegi hem aýdyň maksatly ýoldan ösüşe barýan Watanymyzyň dünýä bilen deň gadam urýandygynyň ýene bir nyşanydyr. Onuň sahypalarynda şekillendiriş sungatynyň dürli eserleriniň suratlarynyň ýerleşdirilmegi, kitabyň owadan fotosuratlar bilen bezelmegi okyja ýakymly duýgulary paýlaýar.

Heňňamlaryň hakydasyndan ýitip gitmejek ölmez-ýitmez eserleri peşgeş berip, halkyny dünýä ýüzüne tanadan Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy häzirki günlerimizde adamzady ýagşy işlere çagyrýan, ahlagyň, ynsabyň, adamkärçiligiň iň ajaýyp nusgalaryny wagyz edýän beýik namalardyr. Ol namalaryň gadyrgymmaty bolsa ýyl geçdigisaýy, artmak bilen. Akyldaryň şygyrlarynyň many-mazmunyndan, gymmatyndan söz açýan «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly ajaýyp kitap Magtymguly Pyragy we onuň ömri, döredijiligi barada ýazyljak eserleriň gözbaşynda duran tämiz bulakdyr. Çünki hormatly Prezidentimiziň jaýdar belleýşi ýaly, Magtymguly hakda ýazmak bakylyk hakda ýazmakdyr.

Diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, tutuş Ýer ýüzüniň akyldary hem ussat şahyry bolan Magtymguly Pyragynyň baý edebi mirasyna akyl ýetirmegiň açaryna öwrülen bu gymmatly kitaby türkmen halkyna, şeýle-de dünýä ýüzüne peşgeş beren döwlet Baştutanymyzyň eserleriniň höwri köp bolsun, ýurdumyzy gülletmek ugrunda alyp barýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

Jemile ALLAÝEWA,
Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 16-njy orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.

Mart aýynda Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we ÝB-niň daşary işler ministrleriniň 20-nji duşuşygy geçiriler.

Türkmen işewürleri 11 – 14-nji mart aralygynda Moskwa şäherinde geçiriljek «RosBuild 2025» atly halkara sergä gatnaşarlar.

## Arşyň nepisligi

# HALY — KÖŇÜL KELAMY

Güneşli ýurdumyzda Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň döwletlilik taglymatlary barha rowaçlanýar. Asuda Watanymyzda ähli ulgamlarda belent sepgitlere ýetilýär. Göwün keşdesini nagşa geçirýän zenanlarymyzyň sarpasy aýratyn belent tutulýar. Taryhyň gatlaryna siňen, şemallaryň owazyny, kenara urulýan tolkunlaryň birsydyrgyn sesini hala geçirýän zenanlarymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Halyda her bir ynsanyň köňül kelamy jemlenen. Halynyň gölleri ömrüň beýany, özboluşly gözellik bolup, äleme aýlanýar. Haly enemamalarymyzyň gaýtalanmajak, soňlanmajak gözellik mekdebidir. Haly gölleriniň özboluşly nagyşlarynda her welaýatyň aýratynlygyny görkezýän sazlaşyk bolup, olar biri-birinden tapawutlanýarlar.

Balkan welaýatynyň Bereket şäherinde ýerleşýän Bereket çeper halyçylyk kärhanasynda zähmet gaýnap joşýar. 2011-nji ýylda açylyp ulanylmaga berlen, 120 sany halyçynyň zähmet çekmegi üçin niýetlenilen bu kärhanada halyçy gelin-gyzlar halyny uly höwes, hujuw bilen dokaýarlar. Bereket çeper halyçylyk kärhanasynda haly dokamak üçin ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan. Aýratynda, ýylyň her paslynda ulanylýan sowadyjylar, ýylylyk berijiler, ýörite niýetlenilen naharhana, halyçy gelin-gyzlarymyz üçin ýörite ulaglaryň bolmagy aýratyn bellärliklidir. Zähmetsöýer halyçy gelin-gyzlarymyz ýörite buýurmalar esasynda dürli ölçegdäki haly we haly önümleri bilen müşderileriň isleglerini kanagatlandyrýarlar. Haly we haly önümlerimiz döwlet derejesinde geçirilýän baýramçylyk çärelerine bezeg berip, iň arzyly ýerde özüniň mynasyp ornuny tapýar.

Balkan welaýatyna mahsus bolan ýomut halylarynyň özboluşly nagyşlary bardyr. Hazaryň kenarýaka giňişliklerinde has köp duşýan balyk tutmak üçin niýetlenen gaýyklaryň şekili gabsa gölde aýdyň görünýär. Deňiz halysy bolsa, ynsan edermenligi, dostluk, söýgi, wepa baradaky taryhy wakalary ýadyňa salýan sungat eseridir. Dyrnak göl nagşy deňizde ýüzýän ördekleriň, gazlaryň, ak guwlaryň dyrnagyndan alnan nagyşdyr. Gyra nagşyna salynýan gök goçak edermenligiň, gujur-gaýratyň nyşanydyr, ak gyra, kejebe, jüýje nagyşlarynda ak ýol arzuw edilipdir. Gunça gölüne tebigat gözelligine görk goşýan ak, elwan, gyzyl çogdam gülleriň şekili siňdirilipdir.

Kakma el torbalarynda bolsa, zenan erjelliginiň we ylhamynyň netijesi bolan bossany, gölli gülleýdi, egrije, burma çigin ýaly haly nagyşlarynyň gölleri salnyp, buýurmalar esasynda dokalýan el işlerine uly isleg bildirilýär. Halyçy gelin-gyzlarymyzyň ýankitabyna öwrülen, işlerinde uly gollanma bolup hyzmat edýän Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan joşup çykan «Janly rowaýat», «Arşyň nepisligi» atly eserlerinde haly gölleriniň aýratynlygy baradaky rowaýatlar has-da ünsüňi özüne çekýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Janly rowaýat» eserinde: «Biziň baýramçylyklarymyzyň ählisiniň aýratyn alamaty haly sungatynyň filosofiýasynda beýan edilişi ýaly, toparlaýynlykdyr, agzybirlik ruhudyr, hoşniýetli goňşuçylykdyr we parahatçylyk söýüjülikdir. Biz bir maşgalanyň agzalarydyrys, bir ýurduň raýatlarydyrys we mundan başga hem bir halynyň gölleri ýaly, birek-birek bilen, baglanyşykly bir yklymyň halklarydyrys» diýmek bilen haly nagyşlaryndaky aýratynlyklaryň bir köňülde döräp, bitewi sazlaşygy döredýändigine buýsanjyňy artdyrýar.

Goý, halkymyzyň medeni mirasyna uly hormat goýýan, haly sungatynyň inçe syrlaryny ajaýyp eserlerinde wasp edýän Milli Liderimiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwletli beýik tutumlary rowaç bolsun!

**Amangül AMANOWA,**
Bereket çeper halyçylyk kärhanasynyň hil gözegçisi.






Balkan welaýatynyň Bereket şäherinde ýerleşýän Bereket çeper halyçylyk kärhanasynda zähmet gaýnap joşýar. 2011-nji ýylda açylyp ulanylmaga berlen, 120 sany halyçynyň zähmet çekmegi üçin niýetlenilen bu kärhanada halyçy gelin-gyzlar halyny uly höwes, hujuw bilen dokaýarlar.

# Döwür we ýaşlar



## Fitline: netijäni duýuň!

Fitline — 1993-nji ýylda esaslandyrylan «PM International AG» kompaniýasy tarapyndan öndürilen Germaniýanyň brendi bolup durýar. Bu kompaniýa 2020-nji ýylda dünýäde top 100 global kompaniýalaryň sanawynda 10-njy ýeri eýeledi. Bu kompaniýanyň Ýewropada we beýleki ýurtlarda 35 şahamçasy bolup, ol Ýewropada iň uly saglyk we sport boýunça lider hökmünde tanalýar. Kompaniýa tarapyndan öndürilip, häzirki wagtda ulanyjylaryň islegine eýe bolan fitline önümi ýokary barlaghanalarda professorlar, tejribeli lukmanlar tarapyndan birnäçe synaglardan geçirilen.

Adamda ýadawlyk, gaharjaňlyk, ukusyzlyk, depressiýa, süýji zatlara, hamyr önümlerine, duzly zatlara bolan islegi artýan bolsa, onda Fitline adam durmuşy üçin iň ygtybarly önüm bolup durýar. Ol size saglyk, fitnes we gözellik önümleriniň doly toplumyny hödürleýär. Fitline derman önümi däl-de, bedenimiziň köp agzalaryna, immun, şeýle-de ýürek we gan aýlanyş ulgamyna bolan bejeriş täsirini ýetirýän otlardan, dürli miweleriň, gök önümleriň tebigy ekstraktlaryndan ýasalan garyndyly, goşmaça iýmit önümi bolup durýar. Mundan başga-da, fitline beden öýjüklerimizde täzelenişiň iň amatly toplumy hasaplanýar. Bedende ýokumly maddalaryň, witaminleriň we minerallaryň gowy siňdirilmegi üçin zerur şertleri döredýär. Garyndy damja, kokteýl ýasap içilýän, gel, krem ýaly birnäçe görnüşlerde bolup ol diňe bir uly adamlar üçin däl, eýsem, çagalar üçin hem niýetlenendir.




Fitline önüminiň basics görnüşini meselem alsak, ol papaýanyň we ananasyň fermentlerinden düzülip, içegeleriň mikroflorasyny netijeli dikeldýär, gany arassalaýar, immun ulgamynyň berkemegi üçin antioksidantlaryň güýçli toparyny özünde saklaýar, iýmit siňdirişi gowulandyrýar, bioflawonoidleriň we polifenollaryň ýetmezçiligini doldurýar we adamyň saglygyny gowulaşdyrmaga çalt täsir edýär. Şeýle-de fitline önümi activize oxyplus, restorate, omega 3+E, Q10 plus, microSolve+Heart2 Duo, powercocktail Junior, power cocktail,




isoflavon, lutein, zellschutz, generation 50+, gelenk-Fit, med active Gel, Pro B4 yoghurt-Drink, c-balance, PROSHAPE (Amino), D-Drink, Munogen, IB5+K2, skin 4Ever, beauty, skin activize Serum, medQ10 Oxy Repair ýaly saglyga peýdaly birnäçe görnüşleri ulanyjylara hödürleýär.

Güljemal BAÝLYÝEWA,
TMÝG-niň Türkmenbaşy şäher geňeşiniň esasy hünärmeni.

## «Page coffee» bilen her gün täze sahypany açyň!

Aşgabat şäheriniň Mäti Kösäýew köçesiniň 86-njy jaýynda ýerleşýän «Page Coffee» kafesi hepdäniň ähli günleri ertir sagat 7:00-dan gije sagat 23:00-a çenli halkyň hyzmatynda. «Page Coffee» kafesiniň özboluşly tarapy, bu ýere gelýän müşderilere datly tagamlaryň, hoşboý ysly kofeleriň gapdaly bilen türkmen we daşary ýurtly ýazyjy-şahyrlaryň kitaplaryny okamaga mümkinçilik berilmegidir. Şeýle-de myhmanlar bu ýerde janly sazdan hem-de okalýan goşgulardan lezzet alyp bilerler. Gyzgyn kofedir çaýyň ýany bilen öňünde goýulýan ruhlandyryjy jümleler, aforizmler, henekler ýazylan suratlyja kagyzjygy okamak hem ýakymly duýgulary döredýär. Biz hem kitaphonlary we kofesöýerleri «Page Coffee» çagyrýarys.

«Biznes reklama».

## Täze kitap dükany açylar

Ýurdumyzda ilkinji bolup onlaýn kitap söwdasyny ýola goýmakda, dünýäniň dürli dillerindäki kitaplary elýeterli bahalardan onlaýn görnüşde okyjylara hödürlemekde telekeçi Myrat Haýytbaýew 10 ýyldan gowrak wagt bäri halka hyzmat edip gelýär.

Hususy telekeçi bilen söhbetdeş bolanymyzda, ol 2015-nji ýylda ýurdumyzda «Read it» atly onlaýn dükanyny açandygyny we soňra Balkan welaýatyndaky «Dana» okuw merkezi bilen bilelikde







hususy kitap dükanynyň işiniň ýola goýlandygyny gürrüň berdi. Hususy telekeçi şol ýyllardan bäri ýurdumyzyň we dünýä edebiýatynyň belli, tanymal şahyrlarynyň, ýazyjylarynyň dürli ugurlara degişli bolan kitaplaryny elýeterli bahadan halk köpçüligine hödürläp gelýär. Ýakyn wagtda bolsa telekeçi «Türkmendomen» hojalyk jemgyýetiniň täze domenleri bellige almak hyzmatlaryndan peýdalanmak esasynda www.readit.com.tm atly hususy web sahypasyny halk köpçüligine hödürlemegi göz öňünde tutýar.

Ýakyn wagtda, has takygy, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň fewral aýynda telekeçi paýtagtymyz Aşgabatda täze kitap dükanyny açmagy meýilleşdirýär.

Sähet HALYKOW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň inžener-mehanika fakultetiniň talyby.

## Ylym we alym

Zehinli ýaşlaryň döredijilik gözlegleriniň we çeperçilik meýilleriniň barha rowaçlanmagynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň ýanynda döredilen Ýaş alymlar merkeziniň aýratyn orna eýe bolmagy guwandyryjydyr. Bilşimiz ýaly, Ýaş alymlar merkezi Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan 2017-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda döredildi.

Ýaş alymlar merkeziniň döredilen güni mynasybetli, Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň bilelikde gurnamaklarynda «Ýaş alymlar dünýäniň ylmy mümkinçiliklerini birleşdiriji güýçdür» ady bilen geçirilen ylmy maslahat ýaşlaryň ylym giňişligindäki täze möhüm ädimleriniň özenini düzdi.

Bu merkez häzirki wagtda özüniň meýilnamalaýyn işlerini alyp barmak bilen bir hatarda, türkmen ylmynyň ösüş taryhyny we häzirki zaman gazananlaryny öwrenmek bilen hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek boýunça ylmy-innowasion syýasatyny we Prezident maksatnamasyndaky ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gazanylýan üstünlikleri, ylym ulgamynyň öňünde duran wezipeleri wagyz etmek we durmuşa geçirmäge ýardam bermek, ýaş alymlardyr hünärmenlere düýpli amaly ähmiýetli barlaglary geçirmäge goldaw bermek, ylmy edara-kärhanalarda ýaş alymlaryň we hünärmenleriň işlerini öwrenmek, seljermek, ýaş alymlaryň, hünärmenleriň arasynda ylmy maglumatlary alyşmagy guramak, tanymal alymlar bilen duşuşyklary geçirmäge, ylmy-innowasion taslamalary, ylmy-barlag işleri alyp barmaga, olaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrmaga ýardam bermek ýaly işleri ýerine ýetirýär. Muňa Ýaş alymlar merkeziniň düzüminde Ýaş alymlar geňeşiniň 50-ä golaýynyň açylmagy doly şaýatlyk edýär. Ýaş alymlar geňeşi ýurdumyzda hereket edýän ylmy edaralarda hem-de ýokary okuw mekdepleriniň düzüminde açyldy.

Ýaş alymlara goldaw bermek arkaly türkmen ylmynyň geljeginiň berk binýady pugtalandyryldy. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen ýurdumyzyň ýaş alymlaryny maddy taýdan goldamak, olaryň alyp barýan ylmy-barlag we tejribe-gurnama işlemelerini, taslamalaryny maliýeleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýaş alymlary goldamak boýunça gaznasy döredildi.

Aýratyn buýsandyryjy ýagdaý, ýurdumyzda ýaşlaryň ylmy gözlegleridir täzeliklerini, oýlap tapyşlaryny, ylmy-derňew işlerini durmuşa ornaşdyrmak ugrunda tutumly işler alnyp barylýar. Şunda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen bilelikde her ýylda guraýan ylmy işler boýunça bäsleşigi aýratyn ähmiýete eýedir.

Ýaşlarymyzyň bagtyýar durmuşy, olaryň döwrebap bilim almagy, hünär öwrenmegi, ylym we çeper döredijilik bilen meşgullanmagy üçin ähli şertlerdir mümkinçilikleri döredýän, bu ugurda giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.

Gurbanmyrat MUHAMMEDOW,
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň bölüm müdiri.

24-nji ýanwarda Türkmenistanyň Gruziýadaky ilçihanasy Gruziýanyň Ýazyjylarynyň döredijilik birleşigi bilen bilelikde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegine bagyşlanan medeni çäre geçirdi.

br.com.tm

# Oba hojalygy: döwür we täzeleniş



# GÜÝZ SÜR, GYŞ GANDYR

*Gyşky meýdan işleri hakda Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabynyň Türkmenistanyň Gahrymany Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň başlygy Kamil Rozmetowyň gürrüňi.*



Söhbedið başyny geçen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň netijelerinden başlaly! Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetimiz Watana «ak altyn» tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamasyny ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda abraý bilen berjaý etdi. Şeýlelikde, ekilen 7 müň 300 gektar gowaça meýdanyndan harmana 14 müň 600 tonna derek 16 müň tonna golaý ýokary hilli pagta tabşyryldy. Bu bolsa döwlet öňündäki borjumyzy 105 göterimden geçirip berjaý etdik diýmekdir.

Biz gowaçanyň hem-de bugdaýyň saýlantgy tohumlaryny özümizde ýetişdirýäris. Gallanyň serdar hem-de juwan tohumlary özümize muwapyk toprak, suw, howa şertlerimize laýykdyr. Bu bolsa ak ekiniň bol hasylyny almakda hojalygy tutuş ýurdumyz boýunça iň öňdäkileriň hataryna çykardy. Şeýlelikde, 2024-nji ýylda Watan harmanyna 5 müň 300 tonna derek 8 müň 500 tonnadan geçirip, guşgursak ak bugdaý tabşyrdyk. Bu bolsa tabşyrygyň 160 göterim berjaý edilendigini aňladýar.

Nesip bolsa, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda galla harmanymyz hasam beýgeler. Çünki ekişi öz wagtynda, arassa, hemem saýlantgy tohum bilen geçirdik. Sürümden öň ýerli hem-de mineral dökünler bilen topragyň düzümine görä atyzlarymyzy gurplandyrdyk. Gögeren maýsalary güýz ortasynda suwardyk. Men öz tejribämize daýanyp, maýsa suwuny tutýandygymyzy nygtasym gelýär. Biziň welaýatymyzda ýerleriň aglabasy orta hem-de ýeňil şorlaşan toprak bolany üçin, maýsalar seýreklär diýip suwarmaýarlar. Sürümi 40 santimetr çuňlukda geçirseň, ýerleri lazer bilen juda gyradeň tekizleseň, ýuwuş suwuny agrotehniki kadalara laýyk geçirseň, ak ekine güýz suwunyň diýseň ýaramlydygyny tejribämizden anyk göz ýetirdik. Indi häzirki iş-aladalarymyz hakdaky gürrüňe geçeliň!

Ata-babalarymyzda «Ýeriňi güýz sür, güýz sürmeseň, ýüz sür» diýen gadymy aýtgy bardyr. Ekin meýdanlaryny güýz ahyrynda gowaça çöpünden doly arassalap, derrewem 40 santimetr çuňlukda sürüm geçirýäris. Şu ýerde döwür bilen bagly ýene bir tehnologik täzeligi aýdasym gelýär. Olam ýerleri lazer usulynda tekizlemek. Biz muny 10 ýyl çemesi mundan ozal ýola goýduk. Türkiýäniň «Ilgin» kompaniýasynyň önümi bolan lazer tehnologiýasy arkaly ýer tekizleýji gurallary bahar aýlary ulanýarys. Anyk aýdanyňda, biziň toprak şertimize laýyklykda, ýeriň şoruny ýuwup aýyrmaga ýardam edýän baharky «gyzyl suwdan» ganyp taba gelen ýerler sürlenden soň, lazer esasynda tekizlenýär. Bu çärede toprak ganyk bolýar, tohum ýüz göterim gögerýär.

Suwarmak meselesinde hem özümizdäki täzeligi siziň bilen paýlaşaýyn! Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetimiz bankdan 1 göterim şertinde 10 ýyllyk möhlet bilen alnan karz pula Türkiýe döwletiniň «Jan» kompaniýasynyň önümi bolan damjalaýyn suwaryş gurnamasyny satyn alyp, ol tehnologiýa 107 gektar gowaça meýdanynda ornaşdyryldy. Bu usulda suw 50 göterim tygşytlanýar, gowaça aralaryna kultiwasiýa geçirmek, geriş çekmek işleri aradan aýrylýar. Mineral dökünler gowaçalara turbalar arkaly suw bilen ergin görnüşinde berilýär. Şeýle usulda ýetişdirilen gowaçanyň hasyllylygy 50 — 60 sentnere ýetýär.

2014-nji ýylda bugdaý ýerlerine niýetläp, Eýran Yslam Respublikasynyň «Faýýaz» kompaniýasyndan 2 sany emeli ýagyş ýagdyrýan tehologik enjamy satyn aldyk. Bu gurnamany 90 gektarlyk ak ekin meýdanynda ornaşdyrdyk. Şunda maýsa dökün, şeýle-de ekinde döreýän kesellere garşy himiki serişdeler ýagyş usulynda berilýär. Bu usul gektardan 45 — 50 sentner bugdaý hasylyny üpjün edýär. Mundan başgada, traktora tirkelip ulanylýan 6 sany enjam satyn alnyp, ol 300 gektar bugdaý meýdanynda ornaşdyryldy.

Gürrüňimiziň başynda belleýşimiz ýaly, paýdarlar jemgyýetimizde Saýlantgy tohumçylyk we tejribe hojalygymyz bar. Bu ýerde gowaçanyň we bugdaýyň has hasylly, zyýankeşlere, kesellere durnuky sortlaryny döretmek ýola goýlan. Şeýlelikde, gowaçanyň orta süýümli serdar tohumy döredilenden soň, köp ýyllaryň dowamynda ýekebara seçgi hem-de nesil barlagy esasynda orta süýümli jeýhun görnüşi hem döredilidi.

Biz gowaça ekişini hem täze tehnologiýalar we dünýäde öňdebaryjy usullar esasynda ýola goýduk. Anyk aýdanymyzda, daşky übtügi aýrylan gowaça çigidi Italiýanyň «Gaspardo», Türkiýäniň «Şakalak» tehnologiýalary bilen ekilýär. Ýene bir bellemeli zat, öňler gektara 120 kilogram tohum harçlanýan bolsa, takyk taşlamak arkaly, gektara 20 — 25 kilogram çigit taşlanýar. Bu usul ýekeleme işlerini aradan aýyrýar, otagy ýeňilleşdirýär.

Daýhançylykda iň esasy talap ýerleri ekişe taýýarlamak. Paýdarlar jemgyýetimizde gowaça çigidini tüýjümeklikden himiki usulda arassalaýan kärhana, şeýle hem gowaça tohumyny kapsullaýjy sehler ýylyň dowamynda işleýär. Bu toplumy biz 2009-njy ýylda Hytaý Halk Respublikasynyň hünärmenleriniň kömegi bilen işe girizdik. Şeýlelikde, her sagatda 1 tonnadan gowrak tohumlyk çigit himiki usulda tüýjümeklikden arassalanyp, ýokary hilli, takyk usulda ekmek üçin taýýarlanýar.

Ynha, 2025-nji ýylyň gowaça ekişine «bismilla» berler. Biz muňa eýýämden taýýar. Şu ýerde ekinleri zyýankeşlerden goramagyň hem juda zerur çäredigini ýatlasym gelýär. Ekinlere zyýan berýän mör-möjekleriň wagtynda öňi alynmasa, hat-da hasylyň ýarysyndan gowragynyň ýrya bolýandygyny daýhanlar gowy bilýändirler. Paýdarlar jemgyýetimizde muňa niýetlenen biokärhanamyz ençeme ýyllardan bäri işläp gelýär. Bu ýerde trihogramma, gabrobrakon, altyngözlüje ýaly peýdaly mörmöjekler ýetişdirilip, ekin meýdanlaryna gerekli möhletinde goýberilýär. Biofabrikde möwsümde 100 kilogram trihogramma, 50 million sany gabrobrakon, 300 million sany altyngözlüje öndürilýär. Bu san 10 müň gektarda biologiki çäräni geçirmäge mümkinçilik berýär.

Ýeri gelende, paýdarlar jemgyýetimiziň çägindäki 3 müňe golaý hususy mellek ýerlerindäki ekinlere-de biofabrik tarapyndan hyzmat edilýändigini aýtmak ýerliklidir.

Geçen ýyl Türkmenistanyň Gahrymany Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetimiziň ýüpekçileri 48 tonna derek 75,5 tonna ak pilläni ýokary hil bilen tabşyrdylar. Bu bolsa döwlet öňündäki tabşyryk 157 göterim berjaý edildi diýmekdir.

Bizde ýüpek gurçugyny idedip, 300-400 kilogram pilläni harmana getirýän maşgalalaryň onlarçadygy kada öwrülen ýagdaý.

Saglyk bolsa, üstümizdäki ýylda hem ak pilläniň öndürilişi has netijeli bolar. Muny men ýüpek gurçuklaryna esasy iýmit bolan tut agaçlarymyza hem ýylboýy agrotehniki ideg edilýändigi, ýylda müňlerçe düýp tut nahallarynyň ekilýändigi bilen delillendirip biljek. Tut agaçlary gyş suwundan gansa, onuň ýapraklary iri hem ýag çalnan ýaly ýaramly bolýar. Gerek bolsa ýaş nahallary dökünler bilen hem iýmitlendirýäris, has garry tutlary töňňe bolmakdan arassalaýarys, kada laýyk edip pürdeýäris.

Bahar pasly gapymyzdan girse, daýhanyň aladasy has artar. Ýere tohum taşlanar. Şonda oba hojalyk tehnikalarynyň esasy güýje öwrüljekdigi daýhan üçin düşnüklidir. Biz bolsa bu jogapkärli möwsüme doly taýýardygymyzy arkaýyn aýdyp biljek. Paýdarlar jemgyýetimizde indi onlarça ýyllardan bäri, işläp gelýän tehniki hyzmat ediş kärhanasynda dünýäniň iň kämil hem-de diýseň öndürijilikli maşyn-traktor parky döredilen. Anyk aýdanyňda, «JOHN DEERE», «CASE», «CLASS» kysymly sürüm traktorlarynyň 10 sanysy, şol kysymly kombaýnlardan 9 sanysy aýny möhletlerde ekin meýdanlarymyza çykarylýar.

Kärhanada jemi 25 mehanizator, 15 adamdan ybarat tehniki hyzmat topary bar. Olaryň hemmesem kärine ussat, işjanly adamlar. Umuman, paýdarlar jemgyýetimiziň mehanizasiýa pudagynda 150 sany trakor bolup, şolaryň 108 sanysy meýdan işlerinde ulanmaga, 30 sany traktor hem tirkeg gurallary bilen taýýar önümleri daşamaga niýetlenendir. Bulardan başga-da, paýdarlar jemgyýetimizde «MAZ» kysymly ýük awtoulaglaryň 16 sanysy, ýeňil awtoulaglaryň hem şonçasy bolup, olar gerekli ýerlerinde peýdalanylýar. Bu bolsa iş öndürijiliginiň ýokary bolmagyna, önümiň özüne düşýän gymmatynyň aşaklamagyna, el işleriniň azaldylmagyna, zähmetiň ýeňilleşmegine oňaýly täsir edýär.

Ýaňy-ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz welaýatlarda häzirki jogapkärli möwsümde alnyp barylýan işlere möhüm ähmiýet bermegiň zerurdygyny, şeýle-de ekin dolanyşygyny ylmy esasda alyp barmagyň, ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermegiň, oba hojalyk önümleriniň möçberini has-da artdyrmagyň wajypdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Welaýatlar boýunça 2025-nji ýylda oba hojalyk ekinlerini ýetişdirmek hem-de önümlerini öndürmek hakynda» Karara gol çekdi.

Elbetde, şeýle alada-tagallalar biz — daýhanlary hasam höweslendirýär, täze üstünliklere ruhlandyrýar. Diýmek, täze 2025-nji ýyl mähriban Watanymyzda has harmanly bolar.

Ýazga geçiren:
Gurbannazar ORAZGULYÝEW,
Hormatly il ýaşulusy, «Biznes reklama».

Türkmenistanyň Gahrymany Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň ýüpekçileri 5,5 tonna ak pilläni döwlete tabşyrdylar.

Türkmenistanyň Gahrymany Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň çägindäki biokärhana tarapyndan zyýankeşleriň garşysyna göreşilýär.

# Jemgyýetçilik iýmiti hyzmatlary



## Gözelligiň hoşboý tagam bilen sazlaşýan ýerinde



Biz ösýän hem özgerýän dünýä barýarys. Has dogrusy, biz dünýäniň merkezinde hasam öňe gitmek, kämilleşmek hörpünden gopýan döwrebaplyk bilen. Ýyldyrym tizliginde ilerleýän ösüşleriň dünýäsinde ýaşap, onuň bilen birleşmek üçin ynamly aýak goşýarys her bir ädimine. Ine, işewür döwürdeşlerimiziň ýurt, halk hyzmatynda gaýym durup, bitirýän işleri, halal zähmetden başyny başlan tutumly önümçiligi, hyzmatlar gurşawy aýdylanlaryň subutnamasydyr. «Akylly» tehnikalar hem ýeňillikler döredilen durmuş şertleriniň bu günki bize beren mümkinçilikleri mundan sanaýmalyja wagt ozalam ýatsaň-tursaň oýuňa gelmejek zatlar.

Döwrüň ösýän hem özgerýän pillesinde durmuşyň ýeňilleşmegi, ýaşaýşyň ýakymynyň artmagy, şeýle-de datly günleriň lezzeti dogrusynda söhbet etmek bir başga. Ýyllaryň, ýollaryň hut şu bagtly pursatlardan paýly edendigi üçinem şowly çykan bije eýeleriniň — biziň bu peşgeş berlen nygmatlaryň gadyryny bilmegimiz gerek. Aslynda, her bir döredilýän täzeligiň, hödürlenilýän hyzmatyň aňyrsynda dogumdyr gaýrat bilen birlikde, ata Watanynyň, halkynyň aladasy bilen ýaşaýan adamyň eden yhlasy dur. Bu hakykat indi bu jelegaýlarda täze bir önüm öndüren öndürijiniň, ýeňillikli hyzmatlary hödürleýän işewüriň her biriniň maksatly ýolunyň ilkinji ädimine öwrüldi.

Söhbedimiziň türkmen telekeçileridir işewürleri, şeýle-de olaryň halkymyza hödürleýän hyzmatlary dogrusynda boljagyny öňünden bilen bolsaňyz gerek.

Bu ýer özboluşlylygy bilen göwnüňi awlaýan ýer eken. «Green Coffee» kafesi. Belki, eşidensiňiz, belkem, heniz habardaram dälsiňiz. Paýtagtymyzyň G.Kulyýew köçesiniň ugrunda ýerleşýär. Açylmasyna-da täze açyldy bu garbanyşhana. Işläp başlanyna, bolsa, ýaňy bir ýyl bolandyr. Ir ertir sagat 8:00-dan gije 22:00-a çenlem ildeşlerimiziň hyzmatynda. Baranyňdan üýtgeşik, özboluşly interýeri bilen derrew özüne çekýär. Owadan güller hem-de dekoratiw ösümlikler bilen bezelen zalynda datly tagamlaryň lezzetini duýmaga ähli şertler döredilen. Bu ýerde rahat dynç almak üçin ýaşyl zona hem bar. Uzakly günüň ýadawlygyny çykarmak isleýän müşderileriniň göwnünden turýan aýratynlyklaryň biri bolan ýaşyl zona, hakykatdanam, argynlygyňy el bilen aýrylan ýaly etjek künjek.












> Kafeniň ýene bir aýratynlygy, bu ýerde hepdäniň 1 — 5-nji günlerinde ofis işgärleri üçin günortanlykda garbanar ýaly, ýörite **biznes lanç set** naharlar toplumy bolup, ol amatly bahadan hödürlenilýär.

Kafeniň menýusy barada aýdanymyzda, ol Ýewropa, Aziýa, italýan tagamlarynyň giň görnüşini öz içine alýar. Ertirliklerden başlap, günortanlykda, agşam naharynda saçaga alynjak nygmatlaryň hetdi bar-da, hasaby ýok diýilýänlerden. Eliňe tagamnamany al-da, saýla-da otur. Bu ýerde sargyt edip bildigiň, derhal taýynlamagyňam alajy görlen.

Ertirlikler, çorbalaryň, sendwiçleriň, pizzalaryň, gyzgyn naharlaryň, işdäaçarlaryň dürli görnüşleri, şeýle-de gyzgyn we sowuk kofeleriň, çaýlaryň, ter miwelerden taýýarlanan şerbetleriň, sowuk çaýlaryň, limonadlaryň, mohito, smuzi, milkşeýk we gazly içgileriň dürli tagamly giň görnüşi öz işine ussat aşpezlerdir baristalar tarapyndan taýýarlanyp, tagamlar gelen myhmanlaryň göwnüni awlamagy başarýar.

Şeýle ýakymly hem özboluşly gözellik döredilen ýere baryp, göreniňi, bileniňi ýazga geçirýärkäň, tagamly, hoşboý ysly nazy-nygmatlary taýýarlaýanlaryň ellerine saglyk diýesiň gelýär.

«Biznes reklama».












Işläp başlanyna bir ýyl bolan «Green Coffee» kafesi ir ertir sagat 8:00-dan gije 22:00-a çenli ildeşlerimiziň hyzmatynda.

«Green Coffee» kafesiniň menýusy Ýewropa, Aziýa, italýan tagamlarynyň giň görnüşini öz içine alýar.

# Önümçilik we söwda



# YNAMLY MÜMKINÇILIKLER




YNAMLY ÝOL hyzmaty

Deňiz ýakasy bar bolan ähli döwletlerde hem hökmany ýagdaýda gämiler, gämi gurluşygy, gämileri abatlaýjy kärhanalar hereket edýär. Tebigatyň eçilen gözelliklerine örän baý bolan eziz Watanymyzda dag diýseň, dag, bag diýseň, bag, çöl diýseň, çöl, derýa diýseň, derýa, deňiz diýseň, deňiz bar. Hazar deňziniň belli bir bölegini tutýan ýurdumyzda Türkmenbaşy halkara deňiz porty bilen bilelikde birnäçe gämi portlary hereket edýär. Maglumatlara salgylansak, Ýewropa bilen Merkezi Aziýanyň arasynda esasy deňiz merkezi bolan Türkmenbaşy halkara deňiz portunyň ýük geçirijilik ukyby 17 million tonnadyr. Ol umumy ýükler terminalynyň, ürgün ýükler terminalynyň, konteýner terminalynyň, ýolagçy-parom terminalynyň, polipropilen terminalynyň üsti bilen ýükleriň netijeli işlenmegini hem-de logistika hyzmatlaryny üpjün edýär. Ägirt uly iş prosesini üpjün edýän kärhanalaryň hatarynda bu ýerde gämi gurluşygynda abatlaýyş işlerini alyp barýan taraplar hem zerur bolup durýar.

Gämi abatlaýyş, esasan, gäminiň gurluşynyň howpsuzlygyny we uzak wagtlyk çydamlylygyny üpjün etmek üçin möhüm prosesdir. Gäminiň ýeňil we düýpli abatlanylyşy gämi abatlaýyş kärhanalary tarapyndan amala aşyrylýar. Gämi abatlamak, onuň tehniki taýdan guratlygyny, döwrebap enjamlaşdyrylmagyny we deňizde howpsuz ýüzüşini üpjün etmek üçin zerur bolup durýar. Ýurdumyzda gämi gurluşyk we gämi abatlamak babatynda dürli işleri alyp barýan kärhanalaryň biri-de «Ynamly ýol hyzmaty» hususy kärhanasydyr. Kärhananyň esasy hyzmatlaryna gämi abatlamak bilen bir hatarda, başga-da zyýan ýetirmeýän barlag usullary (NDT) boýunça barlaghana hyzmatlary, suwasty tehniki işleri, halas ediş serişdeleriniň tehniki hyzmaty, tehniki we senagat enjamlarynyň tehniki hyzmaty we nebit-gaz pudagyndaky hyzmatlar girýär. 2022-nji ýylda esaslandyrylan kärhana Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» AGPJ-niň edara binasynda ýerleşýär. «Ynamly ýol hyzmaty» hususy kärhanasy gämi abatlamak boýunça hyzmatlaryny Russiýanyň Deňiz Gämi Gatnaw Registrynyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirip, ýaňy-ýakynda iri taslamalaryň biri — bloklardan ybarat bolan deňiz düýbüni çuňaldyjy gäminiň we kateriň gurnamak işlerini üstünlikli amala aşyrdy. Köpugurly hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhana häzirki wagtda hyzmatlarynyň gerimini has-da giňeldýär. Esasan hem, kärhana özüniň zyýan ýetirmeýän barlag usullary (NDT) boýunça barlaghana hyzmatlary babatynda köp sanly taslamalary üstünlikli amala aşyrmagy dowam edýär. «Ynamly ýol hyzmaty» hususy kärhanasynyň NDT boýunça ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň görnüşlerine şular girýär: wizual barlagy, ultrasesli defektoskopiýa, ultrases usuly bilen galyňlygy ölçemek, radiografiýa barlagy, magnit-poroşok defektoskopiýasy we penetrant barlagy. Kärhananyň NDT barlaghanasynyň ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň hiliniň ýokarylygyna Russiýanyň Deňiz Gämi Gatnaw Registry we Býuro Weritas (BV) ýaly halkara klassifikasiýa jemgyýetleri tarapyndan berlen ykrar hakyndaky şahadatnamalar şaýatlyk edýär. Mundan başga-da, kärhananyň hünärmenleri daşary ýurt okuw merkezlerinde halkara ülňülerine laýyklykda okap, bu babatda hünärlerini ýokarlandyrýarlar.












Batyr AMANOW,
«Ynamly ýol hyzmaty» hususy kärhanasynyň marketing bölüminiň başlygy:

*— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ägirt uly ösüşler gazanylýar. Eziz Watanymyzyň gözel künjekleriniň biri bolan Hazar deňziniň dynç alyş zolagyny döretmek, ykdysadyýetimizi ösdürjek milli baýlyklarymyzy ýüze çykarmak, deňiz gatnawlaryny amala aşyrmak, gury ýükleri we üstaşyr ýükleri geçirmek üçin ägirt uly mümkinçilikleri bar. Şol bahasyna ýetip bolmajak mümkinçilikler häzirki wagtda döwlet Baştutanymyz tarapyndan durmuşa geçirilýär.*

*Biziň kärhanamyz hem gämi abatlamak boýunça, zyýan ýetirmeýän barlag usullary (NDT) boýunça barlaghana, suwasty tehniki işleri, halas ediş serişdeleriň tehniki, tehniki we senagat enjamlarynyň we nebit-gaz pudagyndaky hyzmatlary bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetine degerli goşandyny goşýar. Kärhanamyzyň döredilenine entek köp wagt geçmedik hem bolsa, hyzmatlarymyzy peýdalanan müşderilerimiz tarapyndan ýerine ýetirilen işlere ýokary baha berilýär. Biz muny yhlasymyzyň ýerine düşdügi hökmünde kabul edýäris. Şeýle hem, ýerine ýetirýän hyzmatlarymyz babatynda üstünlikli tamamlanan taslamalarymyz bilen kärhanamyzyň resmi web-saýtynda (www.ynamlyyol.com.tm) has ýakyndan tanşyp bilersiňiz. «Ynamly ýol hyzmaty» hususy kärhanamyz ISO 9001:2015; ISO 14001:2015, ISO 45001:2018 standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän bitewi dolandyryş ulgamly gämi abatlaýyş we zyýan ýetirmeýän barlag usullary boýunça barlaghana pudaklarynda işleri amala aşyrýar. Amala aşyrylýan hyzmatlarynyň hiline üns bermek, bitewi ulgamy üpjün etmek we ygtybarlylyk kepilliklerini hödürlemek bilen, kärhana ýokary hilli hyzmatlary ýerine ýetirmäge ymtylýar. Ökde hünärmenlerimiz bilen «Ynamly ýol hyzmaty» kärhanamyzyň geljekde iş mümkinçilikleriniň has hem artjakdygyna ynanýarys.*

*Ýeri gelende belläp geçsek, hususy kärhanamyz ýurdumyzda geçirilýän sergilere işjeň gatnaşyp, özüniň hyzmatlarynydyr mümkinçiliklerini halk köpçüligine tanyşdyrýar.*

Sahypany taýýarlan: **Sadap MUHAMOWA**, «Biznes reklama».

# Söwda we marketing



TEORIÝA

## Žurnalistika we piar işi

(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).

**Maglumatlar jemgyýetiniň esasy alamatlary:**

– maglumatlaryň dünýä derejesindäki häsiýeti, onda maglumatlar akymynyň hereketi erkin we çäklendirilmedik bolýar, maglumatlaryň erkin ýaýramagyny saklamaga synanyşyk bolsa, zyýan ýetirýär;

– dünýäde täze habar tertibini ýola goýmaga dalaş edýän dünýä derejesindäki maglumatlar pudagynyň emele gelmegi;

– maglumatlary ýygnamak, işlemek, saklamak, geçirmek mümkinçiligi, oňa elýeterlilik bolsa, has ýokary derejä çykdy;

– maglumatlaryň adam işiniň dürli ugurlarynyň ösüşine ýetirýän täsiri aýgytly bolýar;

– jemgyýeti merkezden daşlaşdyrmagyň barşy güýçlenýär;

– işiň täze görnüşlerine geçmek täze iş serişdeleriniň döremegine itergi berýär.

«Maglumatlar jemgyýeti» düşünjesi ilkinji gezek 1960-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda peýda boldy. Bu adalga 1966-njy ýylda Ýaponiýada ylmy, tehniki we ykdysady gözlegler toparynyň maglumatlar jemgyýetiniň ýokary hilli maglumatlara, şeýle-de olary ýaýratmak üçin ähli zerur serişdelere eýe bolan jemgyýetdigini nygtaýan nutugy arkaly köpçülige mälim boldy. Şeýle-de bolsa, şol wagtlar adalganyň öwrenilişinde aýdyňlyk ýokdy. Şonuň üçin «maglumatlar jemgyýeti» bilen bir hatarda, «tehnotron jemgyýet», «bilimler jemgyýeti», «industriýadan soňky jemgyýet» ýaly adalgalar hem ulanyldy.

Bu kesgitlemeleriň hemmesiniň dürli manylary bardy. Ol ilki nygtalan manysyna «maglumatlar jemgyýeti» adalgasy has ýakyn boldy. Ol birnäçe wagtdan soň maglumatlaryň ösüşiň esasy ugrukdyryjysyna öwrülýän jemgyýetçilik ösüşindäki tapgyryny aňlatmak üçin kesgitlendi. Şeýlelikde, täze kompýuter we habar tilsimatlary bilen baglanyşykly adamzat ösüşiniň iň ähtimal hem-de hakyky ugurlaryndan biri «maglumatlar jemgyýeti» diýlip atlandyryldy.

1980-nji ýyllaryň ahyrynda Ýewropa komissiýasynyň «Ýaşyl kitabynda» çap edilen täze tassyklama peýda boldy. Telekommunikasiýa ulgamlary döwrebap ykdysady we sosial durmuşyň nerw ulgamy hökmünde yglan edildi. Şeýlelik bilen, dünýä derejesindäki maglumat gurluşy dünýä jemgyýetçiliginiň globallaşmasynyň esasy sebäpleriniň birine öwrülýär. 1993-nji ýylda «maglumat supermagistraly» düşünjesi döredi, şondan soňky ýyl bolsa, ol dünýä derejesindäki maglumat gurluşy barada gürrüňe geçdi.

**Esasy düşünjeler.** Şu günki günde «mahabat» diýen söz bilen az adamy geň galdyryp bolar, sebäbi nirede bolsaňyz-da, köçede,ulagda, dükanda – ähli ýerde siziň ünsüňiz mahabat maglumatlaryna çekilýär.

Mahabata düşünmek we onuň esaslaryna akyl ýetirmek üçin, onuň dogry baş ýörelgesini kesgitlemekden başlamak gerek. Mahabat firmanyň marketing syýasatynyň, onuň marketing toplumynyň bir bölegi, bazara täsir etmegiň usullarynyň biri bolup durýar. Mahabat bir zadyň üsti bilen (gytaklaýyn), ýagny satyjysyz amala aşyrylýan satuwdyr.

Mahabat jikme-jik seljermäni, psihologiýany, tomaşaçy tarapyndan kabul edişini, okalyşyny, çaphananyň aýratynlyklaryny, operatorlyk sungatyny we ş.m. bilmekdir. Galyberse-de, mahabat zehin, duýgurlyk we şowludyr.

**Mahabat** işiň görnüşi ýa-da onuň netijesinde öndürilen önüm bolup, onuň maksady mahabat berijiler tarapyndan tölenen, saýlanan sarp ediji auditoriýanyň bellibir täsirlenmesini ýüze çykaryp, senagat, hyzmat kärhanalarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň sowda ýa-da beýleki ýumuşlaryny köpçülikleýin, ýa-da şahsy aňa ýokary derejede täsir eder derejede döredilen maglumatlary ýaýratmak arkaly durmuşa geçirmekdir. Bu kesgitlemeden görnüşi ýaly, mahabat,bir tarapdan, iş, beýleki bir tarapdan, bu işiň netijesi (ýagny, mahabat önümi) hökmünde görünýär.




**Mahabat önümi** maksatly auditoriýa täsir etmek işini amala aşyrmakda ulanylýan mahabat işiniň önümlerini, mahabat materiallaryny, mahabat ýüzlenmelerini göterijileriň toplumydyr. Soňky ýyllaryň meýilleri mahabata bellibir mahabat beriji tarapyndan emele gelýän we tölenilýän sosial köpçülikleýin täjirçilik aragatnaşygynyň bir görnüşi hökmünde garamak boldy. Aragatnaşygyň maksady mahabat ýüzlenmesini kabul edijileriň mahabat obýektine baglylykda bellibir maksatly psihologik ýörelgesini döretmekdir.

ABŞ-da we beýleki senagat taýdan ösen ýurtlarda «mahabat» (advertising) adalgasy KHBS-de (metbugatda, radio, telewideniýe arkaly, diwar mahabatynda) mahabat bildirişini aňladyp, satuwa ýardam edýän çäreleri – «seýlz promouşn», oňyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gazanmaga gönükdirilen abraýly çäreleri – «pablik rileýşnz, şeýle-de soňky ýyllarda has ösýän, düýp manysy öndürijiniň sarp ediji bilen gönükdirilen gatnaşyklarynda bolan mahabat pudagyny – «direkt marketing» öz içine almaýar.

Ykdysadyýetiň mahabat pudagy – bu milli ykdysadyýetiň gurluşynyň bölegini düzýän, iş ugry we maksady müşderileriň harytlarynyň (hyzmatlar) satuwyny höweslendirmekden, mahabat serişdeleri arkaly, mahabat beriji bilen olaryň auditoriýasynyň arasynda gatnaşygy emele getirmekden ybarat bolan mahabat işine işjeň gatnaşyjylaryň (mahabat hünärmenleri, mahabat firmalary, mahabat firmalarynyň bölümleri we kärhanalar) toplumydyr.

Agamyrat MÄMMEDOW,
«Mahabatyň esaslary».

*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

## Marketingiň esaslary



(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).

### 4. Marketing ulgamynda isleg we teklip

**Giňden sarp edilýän harytlaryň klassifikasiýasy.** Önümçilik maksatly harytlar we hyzmatlar önümçilikde beýleki harytlary we hyzmatlary peýdalanmak üçin, hojalyk işi üçin ýa-da beýleki sarp edijilere alyp satmak üçin alynýar. Olar önümçilige hyzmat etmek boýunça enjamlary, çig maly, hyzmatlary özünde jemleýärler. Önümçilik maksatly harytlary olaryň önümçilik prosesine gatnaşyş derejesiniň esasynda we olaryň otnositel gymmatlylygy boýunça toparlara bölmek bolar.

#### Düýpli emläk

**Önümçilik maksatly harytlaryň klassifikasiýasy.** Tebigy serişdeleriň we ýarym fabrikatlaryň öz arasynda meňzeşligi olaryň ýerleşişini höweslendirmek boýunça işiň ýaýbaňlandyrmagyny çäklendirýärler. Şu ýagdaýda esasy marketing garaýyşlary baha we getirijiniň ygtybarlylygy bolup durýar. Düýpli emläk kada bolşy ýaly, gös-göni öndürijiden amala aşyrylýan esasy satyn almalaryň toparyna degişlidir, şoňa görä-de şahsy satuwlaryň tehnikasy bu ýerde mahabata garanda, uly rol oýnaýar. Sarp edijilik bazary üçin gündelik isleg bildirilýän harytlara garanda, kömekçi materiallar bazar üçin senagat ähmiýetli harytlar bolup durýarlar. Bu harytlar satyn alnanda, esasy nukdaýnazarlar baha we serwisdir.Şeýlelik bilen, haryt belli bir islegleri kanagatlandyrmaga mümkinçilikli bolan alyş-çalyşň haýsydyr bir närsesi bolup biler. Şunuň bilen baglanyşykly haryt sarp edijilik gymmatyna eýe bolmalydyr, ol, adatça, birnäçe tapgyrda döredilýär.

Birinji tapgyr harydyň esasy niýetlenilişini döretmek, belli bir islegleri kanagatlandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Şu tapgyrda marketingiň esasy wezipesi harydyň esasy niýetlenilişiniň takyk kesgitlemesi bolup durýar, ol harydyň niýetlenen sarp edijileriň şol toparynyň has umumy talaplaryny görkezýär.

Ikinji tapgyrda harydyň anyk hil görkezijilerini onuň ygtybarlylygyny, uzak möhletliligini, tehnologikligini, şeýle hem ergonomiki, estetiki we beýleki häsiýetlerini bellemek möhümdir.Üçünji tapgyrda harydyň sarp edijilik gymmatynyň goşmaça häsiýetnamalarynyň döredilmegi bolup geçýär, ol guramaçylyk-ykdysady faktorlaryň düýp mazmunyny, hususan-da, harydyň bahalaryny, ony satmagyň ykdysady şertlerini, hyzmat etmegiň, kepillikleriň bolmagynyň şertlerini we başgalary görkezýär.

Dördünji tapgyr alyjynyň şahsy aýratynlyklaryny görkezýär, munuň özi önümiň haryt hereketini guramak üçin has möhümdir. Bu aýratynlyklara bäsdeşlige ukyply önümler, harydyň jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilmegi, harydyň ösüş perspektiwalary we başgalary babatda hödürlenilýän harydyň oňyn sypatlary degişli.

Tehnologiýalarda we bäsdeşligiň ýagdaýynda çalt özgertmeleri hasaba almak bilen firma diňe bar bolan harytlara bil baglap bilmez. Alyjy täze we kämilleşdirilen önümleri isleýär, olara garaşýar hem-de bäsdeşler olary bu täze harytlar bilen üpjün etmek üçin köp tagallalar edýärler. Netije-de, her bir firmada täze harytlary işläp taýýarlamagyň öz maksatnamasy bolmalydyr.

«Täze harytlar» diýlip, hakyky önümlere, bar bolan harytlaryň gowulandyrylan görnüşlerine ýa-da modifikasiýalaryna, şeýle hem öndüriji firmanyň täze markalaryna düşünilýär. Täzeçillik örän täwekgelçilikli bolup biler. F.Kotleriň maglumatlary boýunça iň uly islegden peýdalanýan harytlaryň bazarynda ähli hödürlenilýän täze harytlaryň 40 göterimi, senagat maksatly harytlaryň bazarynda 20 göterimi, hyzmatlar bazarynda bolsa 18 göterimi şowsuzlyga duçar bolýar. Giňden sarp edilýän bazarda täze harytlaryň şowsuzlyklarynyň howsalaly derejesi, aýratyn-da, täze harytlary döretmegiň her bir tapgyrynyň düýpli gaýtadan işlenilmegine mejbur edýär.

Harytlaryň bäsdeşlige ukyplylyk meselesi bazar ykdysadyýetinde merkezi orunlaryň birini eýeleýär, ýöne iş ýüzünde bäsdeşlige ukyplylyk düşünjesi heniz ýola goýlan däldir. Harydyň bäsdeşlige ukyplylygy, emele gelen düşünjelerde kada bolşy ýaly, bazarda oňa kesgitlenilen artykmaçlyklary üpjün edýänleriň hemmesine düşünilýär. Şeýle kesgitleme garalýan hadysanyň düýp mazmunyny gowşak düşündirýär, şunda harydyň häsiýetnamasy hökmünde bäsdeşlige ukyplylygyň düýp manysy duşdan geçirilýär, onuň bilen baglanyşykly bazarda meňzeş harytlaryň arasynda islegi paýlanmak bolup geçýär.

Käte bäsdeşlige ukyply diýlip, diňe ony gymmatdan aýryp, sarp edijilik häsiýetleriniň toplumyna düşünilýär, şunda «bäsdeşlige ukyplylyk» diýen adalga harydyň hil düşünjesi bilen garyşdyrylýar.

Harydyň sarp edijilik häsiýetleri onuň baha häsiýetnamalaryndan aýrylmazdyr, harydyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ululygy onuň sarp edijilik häsiýetleriniň we gymmatynyň möçberine baglydyr.

Sarp edijilik häsiýetleriniň bolmagy harydyň sarp ediş netijeliligini, onuň peýdaly netijesini şertlendirýär.

Harydyň peýdaly netijesine, beýleki harytlaryň şu zeýilli görkezijilerine baha görkezijisiniň gatnaşygy onuň bäsdeşlige ukyplylyk derejesi hakynda düşünje berýär. Bäsdeşlige ukyply haryt bolmak bäsdeşligiň garşysyna durmazlygy däl-de, ondan öňe geçmegi aňladýar.

Maraljan KURBANOWA,
Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebiniň mugallymy.

*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

Şu ýylyň 18-nji martynda ýurdumyzyň hususy pudagyna maýa goýumlaryny çekmeklige bagyşlanan «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlary» (IFT 2025) atly Halkara forumy geçiriler. Çäre Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, Söwda-senagat edarasy hem-de «TMT Consulting Group» kompaniýasy bilen bilelikde guralar.



# Kofe başynda

br.com.tm

KROSSWORD



## Sowallar

**DIKLIGINE:**

**1.** Pul birligi. **2.** Tohum at bilen tohum däl baýtaldan bolan at. **3.** Adamyň eňeginiň aşak ýüzi. **5.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **6.** Bir şahly uly haýwan. **7.** Himiki element. **8.** Dünýä belli awtoulag Mercedes ... **10.** Atyň toýnagyna nal kakylanda ulanylýan ýörite ýasalan çüý. **13.** Müdimi, baky. **14.** Adam bir ýaşar, ...– iki. **16.** Ýaýa goşulýan iki, dört tigirli ulag serişdesi. **17.** Oglan ady. **20.** Subtropiki miwe. **21.** Biderek ýere öwünmek, magtanmak. **22.** On iki ýyla deň bolan wagt aralygy. **23.** Keýigiň çagasy. **24.** Adamyň doglup-döran ülkesi. **25.** Türkiýäniň pul birligi. **26.** Gadymy şalaryň başyna geýýän bezegli başgaby. **27.** Grek sany.

**KESELIGINE:**

**1.** Ýurdumyzda bir futbol topar. **2.** Miwe. **4.** Aýdyň, äşgär. **8.** Germaniýa döwletinde belli stadion Allianz .... **9.** Rehim, şepagat. **11.** Agramy 0,75 grama deň bolan kümüş pul. **12.** Daşyna sapak saralýan tigir. **15.** Miweli agaçlary ekmek üçin ýörite ösdürilip ýetişdirilen kökli çybygy. **18.** Gadymy ölçeg birligi. **19.** Jemgyýetiň iň gymmatly hazynasy. **20.** Okuw, sowat. **25.** Gadymy Rimde ýaşan halkyň dili. **28.** Ýyrtyjy haýwanlaryň sürüsi. **29.** Haşal ot. **30.** Aw guşy. **31.** Mallary suwa ýakmak üçin agaçdan ýasalan süýri gap. **32.** Ýewropada bir derýa. **33.** Russiýaly futbolçy ... Zagoýew.

Düzen: **Nowruz ABAÝEW**, Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.

### Gazetiň geçen sanyndaky krosswordyň jogaplary:

**DIKLIGINE:**
**1.** Daňatar. **2.** Nedir. **5.** Itaka. **6.** Medrese. **7.** Apat. **8.** Turp. **9.** Ýaka. **13.** Rysk. **17.** Ata. **18.** Aýa. **19.** Keman. **20.** Başga. **21.** Şübhe. **23.** Akrap **25.** Şek. **30.** Gimalaý. **31.** Uly. **32.** Yza. **33.** Bereket. **35.** Emel. **37.** Elip. **38.** Damar. **39.** Nala. **40.** Maýa. **41.** Pilçe.

**KESELIGINE:**
**1.** Dana.**3.** Per. **4.** Film. **9.** Ýaň. **10.** Dep. **11.** Uýa. **12.** Dar. **14.** Ali. **15.** Kir. **16.** Tanap. **19.** Kaka. **22.** Saka. **24.** Aşa. **26.** Men. **27.** Hoşa. **28.** Abat. **29.** Ser. **31.** Uky. **34.** Nebi. **36.** Edep. **39.** Nyzam. **42.** Ada. **43.** Ige. **44.** Lal. **45.** Mal. **46.** Ýel. **47.** Köp. **48.** Ýara. **49.** Sil. **50.** Mert.

BIR AWTOULAG TARYHY

## Iň gymmat awtoulagyň taryhy

Awtoulag dünýäsine ser salsak, özüniň ýyndamlygy we gymmatbahalydygy bilen dünýäde ilkinji ýerde durýan «BUGATTI» awtoulagy 1909-njy ýylda Etoro Bugatti tarapyndan döredilýär. Etoro Bugatti şol wagt on ýedi ýaşly oglandygyna garamazdan, bu ýyndam awtoulagyň dizaýnyny çyzýar. «Bugatti» awtoulagynyň dünýä belli «Bugatti Veyron» we «Bugatti Chiron» atly 2 sany esasy modelleri bar. Bu awtoulagyň ýyndamlygyny subut edýän maglumatlary belläp geçeliň: «Bugatti Veyron»



modeliniň iň ýokary tizligi sagatda 400 km, şeýle-de «Bugatti Chiron» modeliniň bolsa iň ýokary we geň galdyryjy tizligi sagatda 490 km deňdir.

«Bugatti Chiron» awtoulagynyň materialy uglerod süýüminden sünnälenip ýasalýar. Bary-ýogy 2,5 sekundyň içinde tizligini sagatda 100 km çenli ýetirip bilýär. Bu ýokary tizlige awtoulagyň tigirleri nädip çydaýarka? «Bugatti Chiron» awtoulagynyň gymmatbahaly tigirleri «BICHTEN» kompaniýasy tarapyndan öndürilýär. Bu tigirleriň bahasy 42 müň amerikan dollaryna barabar. Bu awtoulag kompaniýanyň işgärleri tarapyndan 60 günüň dowamynda doly ýagdaýda el bilen düzülýär. Daşynyň reňki barada aýdanymyzda, 2 hepde wagtyň dowamynda 8 gat reňk sepilýär. Umuman, «BUGATTI» awtoulagy ýönekeý bir awtoulag bolman, eýsem, bir sungat eseridir.

Meretgül ÖWEZOWA,
Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.



Köp zady gazanýan däl, köp zatdan ýüz öwrüp bilýän güýçlüdir.

Waleriý Kipelow



Beýik zadyň hatyrasyna gowy zatdan el çekmäge çekinmäň!

Jon Rokfeller



Çykdajy girdejä öwrülip biler, girdeji-de çykdaja öwrülip biler.

Lao Szy



Howp-hatarlardan gorkmaň, öz gorkaklygyňyzdan gorkuň!

Aleksandr Makedonskiý



Durmuşa durnuklylyk — bu diňe çydamlylyk däl, eýsem, hemme zady gaýtadan başlap bilmek.

Frensis Fisjerald



Ýaltalyk hem ýaýdanmaçlyk — bu öz mynasyp durmuşyňyzy ýaşamaýanlygyňyzyň duýdurysy.

Wladimir Dowgan

Hemmäniň dosty — hiç kimiň dosty.
**Aristotel**

Hiç kim hem tötänden gowy adam bolanok.
**Platon**

# Sport





## ÝÇL: Pleý-off tapgyryna gatnaşjak 18 topar belli

Geçen hepde Ýewropanyň çempionlar ligasynda 7-nji tapgyryň oýunlary geçirildi. Tapgyrda birnäçe garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Hususan-da, «Feýenord» öz meýdançasynda «Bawariýanyň» derwezesine jogapsyz 3 top ýollap, ýeňiş gazanan bolsa, «Mançester Siti» deslap 2:0 hasabynda öňe saýlanandygyna garamazdan, myhmançylykda «PSŽ-den» 4:2 hasabynda asgyn geldi. Şeýle-de 9 gol urlan oýunda «Barselona» myhmançylykda «Benfikany» 5:4 hasabynda ýeňdi.

7-nji tapgyrdan soňra 2 topar — «Liwerpul» we «Barselona» ýaryşyň 1/8 finalyna wagtyndan öň ýollanma alan klublar bolup durlar. Şeýle-de «Inter», «Milan», «Atalanta», «Ýuwentus» (hemmesi Italiýa), «Baýer», «Bawariýa», «Borussiýa» (hemmesi Germaniýa), «Monako», «Lill», «Brest» (hemmesi Fransiýa), «Atletiko», «Real» (ikisem Ispaniýa), «Arsenal» «Aston Willa» (ikisem Angliýa), «Feýenord» (Niderlandlar) we «Seltik» (Şotlandiýa) ýaly toparlar ÝÇL-iň pleý-off tapgyryna adyny ýazdyrdy. Olaryň arasyndan 1/8 finala göni ýollanma aljak toparlaryň 6-synyň ady hem-de pleý-off tapgyryna gatnaşjak ýene 6 topar ahyrky 8-nji tapgyrdan soňra belli bolar.

Mundan başga-da, «Şturm», «Zalsburg» (ikisem Awstriýa), «Bolonýa» (Italiýa), «Sparta» (Çehiýa), «Leýpsig» (Germaniýa), «Žirona» (Ispaniýa), «Srwena Zwezda» (Serbiýa), «Slowan» (Slowakiýa) we «Ýang Boýz» (Şweýsariýa) ýaly toparlaryň eýýäm ÝÇL bilen hoşlaşjakdygy belli boldy.

ÝÇL-iň 8-nji tapgyrynyň duşuşyklary 29-njy ýanwardan 30-njy ýanwara geçiljek gijede Aşgabat wagty bilen sagat 1:00-da oýnalar.



## HTF dünýä çempionlaryny yglan etdi

Halkara tennis federasiýasy tarapyndan 2024-nji ýylyň jemleri boýunça dünýä çempionlary yglan edildi. Oňa laýyklykda, ATP reýtinginiň birinji raketkasy italiýaly Ýannik Sinner erkekleriň arasynda, WTA reýtinginiň ikinji raketkasy polşaly Iga Şwýontek bolsa zenanlaryň arasynda geçen ýylyň dünýä çempiony hökmünde ykrar edildi.

Ýeri gelende bellesek, Ýannik Sinner geçen ýyl Italiýanyň ýygyndysy bilen Dewisiň Kubogynda ýeňiş gazandy, «Austrailan Open», «US Open» «uly tuwulgalarynda» hem-de ATP-niň jemleýji turnirinde çempion bolmagy başardy. Şeýlelikde, Sinner Halkara tennis federasiýasy tarapyndan «dünýä çempiony» diýen ada mynasyp görlen ilkinji italiýaly tennisçi boldy.

Iga Şwýontek bolsa geçen möwsümde «Rolan Garros» «uly tuwulgasynda», «WTA-1000» seriýasyna girýän turnirleriň dördüsinde ýeňiş gazandy, Pariž şäherinde geçirilen Olimpiýa oýunlarynda bürünç medala mynasyp boldy. Şeýle-de Polşanyň ýygyndysy bilen Dewisiň Kubogynda ýarym finala çykmagyň hötdesinden geldi.

Maglumat üçin, HTF dünýä çempionlaryny olaryň ýylyň dowamyndaky turnirlerdäki, şol sanda «uly tuwulgalardaky», ýygyndylaryň düzümindäki hem-de Olimpiýa oýunlaryndaky çykyşlary esasynda kesgitleýär.



## 1 milliard ýewrodan gowrak girdeji gazandy

Ispaniýanyň «Real» kluby bir möwsümde 1 milliard ýewrodan köp girdeji gazanan ilkinji futbol kluby hökmünde taryha girdi.

«Deloitte» auditorlyk kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, 2023/24-nji ýylky futbol möwsüminde «Real» iň köp girdeji gazanan futbol kluby boldy. Hasabat döwründe ispan toparynyň girdejisi 1 milliard 46 million ýewro deň bolup, bu görkeziji ozalky möwsüm bilen deňeşdirilende, 26 göterim köpdür. Has takygy, 2022/23-nji ýylky möwsümde «Realyň» girdejisi 831 million ýewro deň bolupdy.

Ýeri gelende bellesek, «Realyň» geçen möwsümdäki girdejisiniň 482 million ýewrosy täjirçilik satuwlaryndan, 316 million ýewrosy telegörkezilişlerden, 248 million ýewrosy bolsa oýun günlerinde petekleriň we beýlekileriň satuwyndan topalanandyr.



## «Borussiýa» Nuri Şahini işden boşatdy

Dortmundyň «Borussiýa» kluby baş tälimçisi Nuri Şahini işden boşatdy. Beýle netijä topar ÝÇL-iň 7-nji tapgyrynda «Bolonýadan» myhmançylykda 2:1 hasabynda ýeňlenden soňra gelindi.

Ýeri gelende bellesek, «Borussiýa» häzirki wagtda Germaniýanyň Bundesligasynda hem örän şowsuz çykyş edýär.

Maglumat üçin, «Borussiýa» Nuri Şahiniň halypalyk etmeginde 27 oýunda meýdança çykyp, 12 gezek ýeňiş gazandy, 11 gezek ýeňildi hem-de 4 gezek deň oýnady.

«Borussiýanyň» täze tälimçisi bolmaga esasy dalaşgärleriň hatarynda «Bawariýanyň» ozalky halypasy Niko Kowaçyň hem-de geçen ýylyň güýzünde «Mançester Ýunaýtedden» işden boşadylan Erik Ten Hagyň atlary bar.



## Ilkinji gezek «uly tuwulga» ýaryşynyň çempiony boldy

Geçen hepdäniň şenbe güni «Australian Open 2025-iň» ýekelikdäki görnüşinde zenanlaryň arasyndaky çempion kesgitlenildi. Final oýnunda dünýäniň 1-nji raketkasy belarusly Arina Sobolenko WTA reýtinginiň 14-nji basgançagyny eýeläp duran amerikaly Medison Kiz bilen güýç synanyşdy. 2 sagat 2 minut dowam eden aýgytlaýjy oýun 6:3, 2:6, 7:5 hasabynda Medison Kiziň peýdasyna tamamlandy. Şeýlelikde, amerikaly tennisçi özüniň karýerasynda ilkinji gezek «uly tuwulga» ýaryşynyň çempiony bolmagy başardy.

Ýeri gelende bellesek, Medison Kiz «Australian Opendäki» çempionlyk arkaly 2000 reýting utugyna hem-de 2,2 million amerikan dollary möçberinde pul baýragyna mynasyp boldy. Finalda ýeňlişe sezewar bolan Arina Sobolenko bolsa, 1300 reýting utugyna hem-de 1,2 million amerikan dollaryna eýe çykdy.

Mundan başga-da, «Australian Openiň» täze çempiony Medison Kiziň WTA reýtinginde 7-nji orna geçendigini bellemek gerek.

Sahypany taýýarlan: Mätgurban MÄTGURBANOW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby, «Biznes reklama».

# Habarlar



## Rekord görkeziji

2024-nji ýylda Gruziýanyň syýahatçylykdan gazanan girdejisi rekord derejeli 4 milliard 425,4 million amerikan dollaryna deň boldy. Görkeziji 2023-nji ýyl bilen deňeşdireniňde, 7,3 göterim köpdür. Bu barada ýurduň Ykdysadyýet we durnukly ösüş ministrligi habar berýär. Geçen ýylyň dördünji çärýeginiň özünde Gruziýanyň syýahatçylykdan gazanan girdejisi 10,3 göterim artyp, 963,7 million amerikan dollaryna barabar boldy.

Ady agzalan ministrligiň bellemegine görä, ysraýylly syýahatçylar 128,3 million amerikan dollary, azerbaýjanly syýahatçylar 25,8 million amerikan dollary, eýranly syýahatçylar 22,9 million amerikan dollary, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň syýahatçylary 21,6 million amerikan dollary we Saud Arabystanyň syýahatçylary 21,4 million amerikan dollary möçberde Gruziýa syýahat etmek üçin pul harçlapdyrlar.



Gruziýanyň hökümeti 2028-nji ýyla çenli ýurt syýahatçylykdan ýylda 6,4 million amerikan dollary girdeji gazanar diýlip garaşýar.

## Täze awtoulaglar görkezildi

Geçen hepdäniň dowamynda dünýä belli awtoulag öndürýän kompaniýalaryň birnäçesi täze awtoulaglaryny görkezdiler. Olaryň ilkinjisi «General Motors» korporasiýasynyň «Chevrolet Equinox 2026» awtoulagydyr. «GM Authority» neşiriniň habaryna görä, awtoulagyň köpçülikleýin önümçiligi 2025-nji ýylyň 17-nji martyndan ýola goýlar. 30-njy ýanwardan bolsa kompaniýa awtoulagy satyn almak isleýänleriň deslapky sargytlaryny kabul edip başlar. Awtoulagyň bahasy häzirlikçe mälim edilmeýär.

Görkezilen awtoulaglaryň ikinjisi bolsa «Skoda» kompaniýasynyň 130 ýyllygyna bagyşlanan «Kodiaq Sportline 130 Edition» awtoulagydyr. Awtoulag müşderilere birnäçe nusgada hödürlenip, olaryň bahasy 49 müň ýewrodan başlap, 54 müň 250 ýewro çenli barabar bolar. Awtoulagyň satuwy şu ýylyň aprel aýynda başlanar. Şeýle-de geçen hepdäniň ortasynda «Hyundai» kompaniýasy Ýakyn Gündogar bazaryna ýedi orunlyk «Creta Grand 2025» awtoulagyny çykarjakdygyny mälim etdi.

Taýýarlan: Gurbantäç REJEPOWA, Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.

## «Adidas» girdejisini artdyrýar

Sport eginbaşlaryny öndürýän Germaniýanyň «Adidas AG» kompaniýasy 2024-nji ýylyň soňky çärýeginde girdejisini 24 göterim artdyryp, 5 milliard 970 million ýewro gazandy. Geçen ýylyň jemi boýunça bolsa «Adidas» kompaniýasynyň girdejisi 23,7 milliard ýewro, arassa peýdasy bolsa 2023-nji ýyl bilen deňäniňde, bäş esse artyp, 1,3 milliard ýewro barabar boldy.




Bu üýtgeşmeler, ilkinji nobatda, «Adidas» kompaniýasynyň paýnamalarynyň gymmatlamagy (6,5 göterim) bilen baglanyşyklydyr. Girdejiniň artmagynyň ýene-de bir düýpli sebäbi kompaniýanyň Kanýe West bilen jedeliniň tamamlanmagydyr. Netijede, kompaniýa West bilen bilelikde öndüren «Yeezy» aýakgaplarynyň önümçiligini ýatyrdy.

## «Caviar» täze smartfonuň özboluşly görnüşini hödürledi

Meşhur smartfonlaryň gymmat görnüşlerini öndürmekde özüni dünýä tanadan Russiýanyň «Caviar» kompaniýasy bu gezek «Samsung Galaxy S25 Ultra» smartfonunyň özboluşly kolleksiýasyny hödürledi. Bu waka geçen hepdäniň anna güni bolup geçdi. Täze kolleksiýa «Lunar Year» diýlip atlandyryldy. Onuň düzüminde smartfonuň iki nusgasy bar: «Dark Ouroboros» we «Ouroboros». Smartfonuň «Dark Ouroboros» nusgasy 659 müň rubldan, «Ouroboros» nusgasy bolsa 899 müň rubldan bahalanýar.





Maglumat üçin: «Caviar» kompaniýasy geçen ýylyň aýagynda «iPhone 15 Pro» smartfonunyň altyn çaýylan görnüşini satuwa çykarypdy.

Ýatlatsak, «Samsung Galaxy S25 Ultra» smartfony ilkinji gezek geçen hepdäniň çarşenbe güni görkezilipdi.

## Altynyň eksporty artýar

«Izwestiýa» telekanalynyň habar bermegine görä, Russiýa 2024-nji ýylda Gonkonga altyn eksport etmek boýunça öňdebaryjy ýurt boldy. Geçen ýyl Russiýa Gonkonga 1,2 milliard amerikan dollarlyk altyn eksport edipdir. Bu görkeziji 2023-nji ýyl deňeşdireniňde, 4,5 esse köpdür.

Altyn öndürmekde öňdebaryjylaryň biri bolan Hytaý 2024-nji ýylda altyn önümçiligini 1 göterim artdyrdy. Öndürilen altyn 377,2 tonna boldy diýip, «China Gold Association» mälim edýär.




Şeýle-de geçen hepdäniň dowamynda altynyň bahasynyň gymmatlandygyny bellemeklik gerekdir. Onuň bir unsiýasynyň bahasy 2,78 müň amerikan dollaryndan geçdi. Beýle ýokary baha soňky gezek 2024-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda hasaba alnypdy.

## 1 milliard maýa goýar

Amerikanyň «Alphabet Inc.» korporasiýasynyň düzümine girýän «Google» «Anthropic» emeli aň kompaniýasyna ýene-de 1 milliard amerikan dollary maýa goýar diýip, «Financial Times» gazeti ýazýar. Mundan öň «Google» ady agzalan kompaniýa 2 milliard amerikan dollary maýa goýupdy.

Şeýle-de «Anthropic» kompaniýasyna «Lightspeed Venture Partners» gaznasy hem 2 milliard amerikan dollary möçberde maýa goýbermäge ýakyn. Mundan başga-da, «Anthropic» kompaniýasyna soňky bir ýarym ýylyň dowamynda 8 milliard amerikan dollary maýa goýandygyny «Amazon» mälim etdi.

Ýeri gelende bellesek, «Anthropic» emeli aň kompaniýasy 2021-nji ýylda «OpenAI» kompaniýasynyň öňki işgärleri tarapyndan esaslandyryldy. Häzirki wagtda kompaniýada 500 müňden gowrak hünärmen işleýär.

## Ýüzlerçe işgärini işden boşadar

«CNN» amerikan telekanaly ýüzlerçe işgärini işden boşatmagy meýilleşdirýär. Bu barada CNBC habar berýär. Beýle üýtgeşmeler köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň käbir pudaklarynyň sanly ulgam arkaly işläp başlamagy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda telekanalyň işgärler düzümi 3 müň 500 adamdan ybaratdyr.

«Warner Bros. Discovery» kompaniýasyna degişli «CNN» telekanaly Waşingtondaky käbir teleprogrammalaryny Nýu-Ýorka geçirmegi meýilleşdirýär. Bu üýtgeşme bolsa kompaniýanyň çykdajylaryny azaltmak maksady bilen edilýändir.

Maglumat üçin: telekanal ABŞ-da we Kanadada «CNN» ady bilen, beýleki ýurtlarda bolsa «CNN International» ady bilen ýaýlyma ýetirilýär. Telekanal dünýäniň 200-den gowrak ýurdunda görmäge elýeterlidir.

Taýýarlan: Parahat BATYROW, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň talyby, «Biznes reklama».

## Iş haky — 39 million amerikan dollary

«JPMorgan Chase & Co.» banky ýerine ýetiriji direktory Jeými Daýmona 2024-nji ýylyň jemi boýunça 39 million amerikan dollary möçberde iş hakyny töledi. Bu bolsa 2023-nji ýylda tölenen iş hakyndan 8 göterim köpdür. Ol 2023-nji ýylda 36 million amerikan dollary iş hakyny alypdy.




Bankyň beýle sahylygy onuň geçen ýylyň jemi boýunça rekord görkezijili arassa peýda gazanmagy hem-de paýnamalarynyň 41 göterim gymmatlamagy bilen baglanyşyklydyr.

Jeými Daýmon «JPMorgan Chase & Co.» bankynda 2006-njy ýyldan bäri zähmet çekip gelýär.

Taýýarlan: Ylýas HALLYÝEW, TDMG-niň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, uly leýtenant.

## Arassa peýdasy artdy

Plastik kartlary öndüriji «American Express» kompaniýasy 2024-nji ýylyň soňky çärýeginde arassa peýdasyny 12 göterim, girdejisini bolsa 9 göterim artdyrdy. Geçen çärýekde kompaniýanyň arassa peýdasy 2,14 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. Bu görkeziji bir ýyl mundan öň 1,9 milliard amerikan dollaryna deň boldy. Onuň gazanan girdejisi bolsa 17,18 milliard amerikan dollary boldy. Öňňil bu görkeziji 15,8 milliard amerikan dollary bolupdy.




«American Express» kompaniýasynyň 2024-nji ýylyň jemi boýunça arassa peýdasy 21 göterim artyp, 10,13 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Kompaniýanyň geçen ýyl gazanan girdejisi bolsa 9 göterim ýokarlanyp, 65,95 milliard amerikan dollaryna barabar boldy.

Kompaniýa 2025-nji ýylda girdejisiniň ýene 8 — 10 göterim ýokarlanmagyna garaşýar.

Taýýarlan: Şöhrat SOPYÝEW, TDMG-niň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, podpolkownik.

Geçen ýylyň soňky çärýeginde Koreýa Respublikasynyň ykdysadyýeti 0,1 göterim ösdi.

Amerikanyň «J&J» kompaniýasynyň arassa peýdasy soňky çärýekde 17 göterim azaldy.

# Горизонт

## МЕЖДУНАРОДНЫЕ НОВОСТИ

### Новое открытие геологов: глубоко в мантии Земли скрываются древние «острова»




Геологи сделали важное открытие о внутреннем строении Земли. Они установили, что две гигантские структуры в мантии Земли, расположенные глубоко под Африкой и Тихим океаном, существуют как минимум полмиллиарда лет. Об этом написали в издании Nature.

Эти области, известные как «Крупные области с низкой скоростью сдвига» (LLSVP), находятся на глубине более 2 тысяч километров.

Изучая, как сейсмические волны проходят через них, ученые выяснили, что эти структуры намного старше, чем считалось ранее. К удивлению исследователей, сейсмические волны затухали в LLSVP меньше, чем в окружающей мантии. Это означает, что LLSVP состоят из крупных минеральных зерен, которые формировались очень долго.

Открытие противоречит распространенной теории о том, что мантия Земли хорошо перемешана. Большая зернистость делает LLSVP очень жесткими и устойчивыми к перемешиванию.

Кроме того, это объясняет, почему эти области связаны с образованием мантийных плюмов – потоков горячего материала, поднимающихся из глубины и вызывающих вулканическую активность на поверхности Земли.

### Трамп хочет добиться от Саудовской Аравии инвестиций на сумму $1 трлн

**Президент США Дональд Трамп вновь заявил, что попросит Эр-Рияд увеличить инвестиции в американскую экономику до $1 трлн.**




«Саудовская Аравия только что объявила, что инвестирует как минимум $600 млрд. Думаю, они доведут сумму до $1 трлн. Я попрошу их [инвестировать] $1 трлн», — сказал он, выступая в Лас-Вегасе (штат Невада).

23 января, выступая по видеосвязи перед участниками Всемирного экономического форума в Давосе, Трамп сказал, что попросит наследного принца и премьер-министра Саудовской Аравии Мухаммеда ибн Сальмана Аль Сауда «округлить сумму [инвестиций] до примерно $1 трлн». Президент США предположил что, Саудовская Аравия согласится на это, потому что Вашингтон «очень хорошо относится» к ней.

Впоследствии, беседуя с журналистами в Белом доме, Трамп выразил готовность нанести свой первый зарубежный визит в Саудовскую Аравию в случае достижения договоренности о крупных инвестициях.

Материалы данной страницы подготовила: **Гульшат АМАНОВА**, «Бизнес реклама».

# Финансовый гороскоп на неделю

## с 27 января по 2 февраля 2025 года

**Овен** 21.03 – 19.04

На этой неделе астрологи рекомендуют Овнам слушать внутренний голос, ведь он поможет сохранить доходы или даже приумножить их. Есть только один способ не пойти в противоположном направлении — быть осторожнее с тратами. На этой неделе Овнам категорически запрещено тратить деньги без особой надобности. С другой стороны, астрологи отмечают, что Овны смогут на стыке января и февраля существенно продвинуться в освоении новой информации и новых деловых навыков.

**Телец** 20.04 – 20.05

Это хорошая неделя для тех Тельцов, которые хотят преуспеть в финансовой сфере. Все мысли Тельцов, по мнению астрологов, должны быть направлены на то, чтобы улучшить свою жизнь, найти ответы на духовные вопросы, а потом только финансовые. Совершить все самые большие траты и решить самые амбициозные задачи лучше во вторник, когда Меркурий станет сильным. Вообще сейчас желательно доверять лишь самим себе.

**Близнецы** 21.05 – 21.06

Близнецам необходимо помнить о том, что если они хотят выбраться из финансовой ямы, то придется активизироваться, но лучше делать это с 28 января, пока Меркурий не придет в норму. Тем, кто уже достиг каких-то финансовых высот, следует заняться сохранением своих доходов. Не нужно совершать покупки, давать кому-то взаймы или вкладываться в сомнительные предприятия. На этой неделе можно открывать счет в банке и менять валюту. Это идеальное время для исполнения финансовых обещаний.

**Рак** 22.06 – 22.07

У Раков на этой неделе возможно появление событий, которые лишат их покоя и финансовой стабильности. В таком состоянии будет гораздо сложнее принимать важные решения, заниматься бизнесом, поэтому важно держать себя в руках. Что касается непосредственно денег, то в период с 27 января по 2 февраля можно совершать крупные покупки, но не давать никому взаймы. Оформление кредитов для Раков может иметь негативные последствия. Лучше сосредоточиться не только на покупках, но и на заработке.

**Лев** 23.07 – 22.08

У Львов на этой неделе может существенно улучшиться домашняя гармония. В родных стенах будет гораздо приятнее работать. Это существенно поможет всем фрилансерам данного Знака — они смогут сохранить и увеличить доход. Также это поможет Львам с большей эффективностью отдыхать. Деловую экспансию пока лучше остановить. Нужно заниматься тем, что получается лучше всего и дать амбициям настояться. Деньги лучше всего тратить на обучение и получение важных навыков.

**Дева** 23.08 – 22.09

У Дев на этой неделе из-за Урана появится одно большое преимущество — мощная интуиция. Шестое чувство не раз спасет людей этого Знака от фиаско в каких-то трудных ситуациях. Также оно подскажет, кто из коллег или клиентов является добросовестным, а кто нет. Обмануть Дев станет гораздо сложнее. Безмятежность в коллективе может быть нарушена спорами, что тоже может негативно сказаться на заработках и результативности. Не нужно вступать в бесполезные споры.

**Весы** 23.09 – 22.10

У Весов на этой неделе появится уникальная возможность найти свое призвание. Всем, кто пока не знает, чем хочет заниматься по жизни, либо испытывает творческий кризис, необходимо перестать лениться. Если ответа на вопросы нет в одном месте, нужно искать их в другом. Также Весы могут встретить на своем пути дилеммы, сложные ситуации. В них придется делать выбор — деньги или хорошая репутация и чистая карма.

**Скорпион** 23.10 – 21.11

Проблемы с деньгами для Скорпионов начнут уходить из-за Меркурия и Урана. Возможны внеплановые траты, причем немалые. На работе может настать период, когда со Скорпионами многие соглашаются и многие к ним прислушиваются. В таком случае стоит давать советы окружающим и внимательно смотреть на последствия. На следующей неделе Скорпионы смогут начать пожинать плоды свой мудрости, собирая дивиденды или получая похвалу. Доход и вдохновение принесут командировки.

**Стрелец** 22.11 – 21.12

Стрельцам стоит проявлять самостоятельность, потому что им на пути могут повстречаться энергетические вредители и просто токсичные люди. Сейчас лучше не делегировать никаких задач. Как говорится, «хочешь что-то сделать хорошо — сделай это сам». В трудных финансовых ситуациях астрологи советуют сохранять невозмутимость. Нервы и переживания ничего не изменят, потому что в начале недели управлять миром будет негативная энергетика. Во вторник ситуация стабилизируется и станет намного лучше.

**Козерог** 22.12 – 19.01

Козерогам стоит начать загадывать финансовые желания, потому что звезды с планетами помогут им в реализации задуманного. До среды астрологи советуют Козерогам отдыхать, меньше рисковать, совершать меньше ненужных трат. Для финансовой стабильности будет полезно заняться чисткой информационного пространства — избавиться от спама и ненужных документов. На этой неделе Козерогам лучше ничего не терять — потерянное уже никогда не вернется. Это касается и денег.

**Водолей** 20.01 – 18.02

Водолеев часто относят к представителям грубых и конфликтных знаков зодиака. В этом есть доля истины, а на этой неделе ссоры и конфликты могут стать причиной денежных потерь. Именно поэтому астрологи советуют Водолеям держать себя в руках. На любые провокации нужно отвечать спокойствием. Урегулирование разногласий при помощи компромиссов принесет Водолеям уважение коллег, а в некоторых случаях и повышение доходов.

**Рыбы** 19.02 – 20.03

На Рыб в понедельник могут наплыть негативные эмоции, которые нарушать все планы и лишат их уверенности. На первый план выйдет работа с внутренними убеждениями. Деньги не идут в руки к тем, кто не верит в себя. Рыбам стоит перестать сомневаться в своем успехе и уникальности, ведь это действительно уникальные люди — как по навыкам, так и по характеру. Со вторника будет больше везения, а когда Уран 30 января перестанет быть ретроградным, Рыб и вовсе ждут большие победы.

br.com.tm

# Üstünligiň taglymaty

# Aňastyaňyň güýji



(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).

## Pikirleriňizi özgertseňiz, ykbalyňyz hem özgerer

Jozef Merfi

Terjime eden: Orazmyrat MYRADOW.




## BIRINJI BÖLÜM
## Süňňüňizdäki genji-hazyna

**Öz üstüňde işlemegiň zerurlygy**

Öňe, üstünlige sary ilerlemek islendik pudakda diňe bir ýagdaýda mümkindir: irginsiz zähmet çekip, tutanýerlilik görkezmelisiňiz. Munsuz ösüşe garaşmaň. Bu ýagdaý ynsan oglunyň iş alyp barýan islendik ugruna dahyllydyr, şol sanda öz aňastyňaňyňa erk etmek babatda-da şeýledir. Diňe erjellik bilen türgenleşmek arkaly aňastyaňyňyzy öz bähbidiňize ulanmagy başarmakda belentliklere ýetip bilersiňiz. Aňastyaň güýjüniň nähili işleýänligi baradaky taglymaty bolmalysy ýaly derejede özleşdiren halatyňyzda, siz muny iş ýüzünde ulanyp hem-de üstünlik gazanyp bilersiňiz. Öz üstüňizde näderejede oňat hem yhlasly işleseňiz, isleýän maksadyňyza, özüňiz üçin möhüm bolan ugurda üstünlige şonça-da tiz ýetersiňiz.

Muny ylmyň mysalynda düşündirmäge synanyşaýyn. Asyl hünärim himik bolansoň, mysaly himiýadan alaýyn. Wodorodyň hem iki atomly kislorodyň utgaşmasyndan suw alynýar, $H_2O$. Bu formula hemme kişä diýen ýaly mälimdir. Edil şonuň ýaly hem bu elementleriň başgarak mukdarynyň biri-biri bilen utgaşmagyndan — bir atomly kislorod bilen bir atomly wodorodyň utgaşmagyndan zäherli gazyň emele gelýänligi-de, ähtimal, size aýandyr. Emma bu goşunda kislorodyň ýene bir atomyny goşsaň, bütinleý zyýansyz bolan kömürturşy gazy ýüze çykar. Tutuş himiýa, ine, şeýleräk ýörelgä görä işleýär: köp zat mukdara bagly.

Bilip goýuň, himiýanyň, fizikanyň, matematikanyň ýörelgeleri ähli babatda siziň aňastyaňyňyzyň işleýiş ýörelgeleri bilen meňzeşdir. Hemme kişä belli bolan «Damja daşy deşer» diýen nakyl barada oýlanalyň. Ynha, şu asyl ýörelge islendik görnüşdäki we islendik ýerdäki suw babatda ýörgünli bolup biler. «Gyzdyrylan halatynda materiýa giňeýändir» diýlen aýtga-da içginräk syn edip göreliň. Islendik ýagdaý, islendik wagt we islendik ýer babatda bu dogrudyr. Bir bölek polady gyzdyryp görüň, ony nirede — Hytaýda, Angliýada ýa-da Hindistanda gyzdyrýanlygyňyza garamazdan, poladyň göwrümi giňär. Gyzdyrylan halatynda materiýanyň giňemegi — üýtgewsiz ýörelge. Edil şonuň ýaly, aňastyňa dahylly kanun hem üýtgewsiz häsiýete eýedir. Ol, ine, şeýleräk: aňastyaňyňyza ynandyrýan zadyňyz durmuşda hem edil şoňa göräräk ýagdaý, hadysa hem tejribe bolup ýüze çykar. Düşnükli dilde aýdylanda, özüňize nämäni ynandyrsaňyz, şol hem amala aşar.

Doga-dilegleriňiz jogapsyz galmaz, çünki siziň aňastyaňyňyz uniwersal ýörelgä tabynlykda, gyşarnyksyz hereket edýär: näme dileseňiz, ol şony hem berjaý edýär. Ýene bir ýola gaýtalaýaryn, bu ýörelgäniň gürrüňini edenimde, men iş ýüzünde täsirli bolan ýagdaýy göz öňünde tutýaryn. Meselem, elektrik togunyň işleýiş ýörelgesi onuň has ýokary güýjenmeden pese sary işleýänliginden ybaratdyr. Elektrik togundan peýdalanaňyzda siz onuň işleýiş ýörelgesini özgerdeňizok, gaýta tebigatyň kanuny, elektrik togunyň işleýiş kanuny bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly, siz gudrat döretmäge, adamzada dürli-dürli bähbitli hem peýdaly ýagdaýlary bagyşlajak açyşlary amala aşyrmaga mümkinçilik alýarsyňyz.

Siziň aňastyaňyňyz hem bozulmaz, üýtgewsiz ýörelgedir, o-da ynam kanunyna laýyklykda işleýär: her bir kişä öz ynamyna görä berler. Siz ynamyň nämedigini, onuň näme üçin we nähili işleýändigini bilmelisiňiz. Hakykatda, ynam kanuny — siziň aňyňyzyň hem-de akyl-paýhasyňyzyň kanunydyr. Aňyňyzyň nähili ýollar bilen işleýänligine, aslynda, ynamyň kuwwatynyň hut özüne ynanmagyňyz gerek. Akyl-paýhasyňyzyň ynamy — bu pikiriň özi, bu ýeterlik derejede ýönekeýje halat: diňe pikir, başga zat däl.

Siziň aladalaryňyzyň bary, ömrüňizde toplaýan tejribeleriňiziň hemmesi, durmuşyňyzdaky wakalaryň ählisi, ýagdaýlar, hereketler — aňastyaňyň siziň pikirleriňize baş galdyrmasy, seslenmesi mysaly bir zatdyr. Hergiz ýatda saklaň: siziň nämä ynanýanlygyňyz däl-de, pikir güýjüniň özi hereket edýändir. Ýalan ynanç-yrymlara ynanmagy, adamzat tarapyndan toplanan galp taglymatlara, ters ynançlara, gorky-ürkülere daýanmagy bes ediň. Özüňiz üçin haýyrly bolan müdimilik hakykatlara ynanmaga başlaň — müdimilik hakykatlar hiç haçan özgerýän däldir. Şonda siz öňe, ýokarlygyna, Hudaýa tarap hereket edip başlarsyňyz.

Bu kitaby okaýan okyjy kim bolsa-da, bilip goýsun, aňastyaňyň işleýiş ýörelgelerini ulanmaga girişmek ýeterlikdir, şonda siz mähetdel etmän öňe sary ilerläp başlarsyňyz. Şeýle-de siz doga-dilegi dürs berjaý etmegi öwrenersiňiz, bu hadysa ylmy taýdan çemeleşmegi özleşdirersiňiz hem-de diňe bir özüňiz üçin däl, eýsem, daş-töweregiňizdäkiler üçin-de netijeli mynajat etmegi başararsyňyz. Herekete hem täsire dahylly bolan uniwersal kanuna laýyklykda, siziň doga-dilegleriňiz jogap tapar. Pikir — hereketiň kök urup ugran gämigi. Täsir — doga-dilegiňizde özüňiňiziň akylly-başly halda ýollan pikiriňize aňastyaňyňyzyň jogaby. Aňyňyzy sazlaşyk, saglyk, parahatlyk hem raýdaşlyk şekilleri bilen besläň, şonda durmuşyňyzda gudratlar ýüz berip başlar.

**Akyl-paýhasyň iki hililigi**

Siziň akyl-paýhasyňyz ýeke, ýöne onuň iki bölege bölünýänligi mese-mälimdir, ol iki hililigi barada aýtmaga mümkinçilik berýän iki dereje eýedir. Olaryň arasyny bölýän çäk häzir hemmä aýan, akyl-paýhasyň iki sany esasy funksiýasy biri-birine bütinleý garşylyklaýyndyr. Her biriniň özüne mahsus bolan hüý-häsiýeti hem güýji bardyr. Bir bitewüligiň aýry-aýry iki böleginiň arasyndaky parhy beýan etmek üçin, adatça, şeýle adalgalar ulanylýar: obýektiw hem subýektiw paýhas, aň hem aňastyaň, ukudaky hem oýalykdaky paýhas, ýüzleý «men» hem çuňlukdaky «men», erk edip bolýan hem erk edip bolmaýan paýhas, erkege mahsuslyk hem zenana mahsuslyk we ş.m. — adalgalaryň görnüşleri örän köp. Bu kitapda men «aň» hem «aňastyaň» diýen adalga jübütligini peýdalanmakçy, ýöne adalgalaryň başgaçarak nusgalaryna duş gelseňiz hem, nämäni göz öňünde tutýanlygymy özüňiz bilýänsiňiz. Olaryň ählisi akyl-paýhasymyzyň tebigatyna mahsus bolan iki hililigi alamatlandyrýandyr.



*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

Hiç bir zat hemmetaraplaýyn owadan bolup bilmez.
**Kwint Gorasiý**

Gowy artistler üçin erbet rol ýokdur.
**Fridrih Şiller**

# Mahabat












Möçberi 16 sahypa | Formaty A3 | A-115638 | Indeksi | 69493 | Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Bahasy 4 manat | Sany 4012.

Biznes reklama
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

BAŞ REDAKTOR
Seýitmyrat GELDIÝEW

HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.

E.POÇTA: biznesreklama@sanly.tm
WEB-SAÝTYMYZ: www.br.com.tm

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. | Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.